TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– TÜRKMENISTANYŇ, AZERBAÝJANYŇ WE TÜRKIÝÄNIŇ BU DUŞUŞYGYNA BIZ DOLY ESAS BILEN, YKDYSADY ULGAMDA ÝURTLARYMYZYŇ HYZMATDAŞLYGY BABATDA MÖHÜM WAKA HÖKMÜNDE GARAÝARYS.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
16-njy dekabr, 2022. Belgisi 50/1512




# BEÝIK ÖSÜŞLERI NAZARLAÝAN DOST-DOGANLYK GATNAŞYKLARY

**14-nji dekabrda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň, Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýewiň hem-de Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdoganyň gatnaşmagynda birinji üçtaraplaýyn sammit geçirildi.**

Türkmenistan, Azerbaýjan hem-de Türkiýe hyzmatdaşlygyň ägirt uly kuwwatyna eýedirler. Olaryň geografik we geosyýasy taýdan amatly ýerleşmekleri bu hyzmatdaşlygy has doly derejede amala aşyrmaga şert döredýär. Şoňa görä-de, türkmen tarapynyň başlangyjy bilen geçirilýän şu gezekki sammit aýratyn ähmiýete eýedir we netijeli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge, ony täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmaga gönükdirilendir.

Ir bilen Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýew we Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogan Awazadaky Kongresler merkezine geldiler.

Bu ýerde sammitiň öňüsyrasynda, Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow iki dostlukly döwletiň Baştutanlary bilen duşuşdy.

Şeýle hem bu ýerde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow forumyň öňüsyrasynda azerbaýjan we türk kärdeşleri bilen ikitaraplaýyn duşuşyklary geçirdi.

Sammitiň resmi banneriniň öňünde bilelikde surata düşmek dabarasyndan soňra, Kongresler merkezinde çäkli düzümde ýokary derejedäki üçtaraplaýyn duşuşyk geçirildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Prezident Ilham Aliýewi we Prezident Rejep Taýyp Ärdogany mübärekläp, şu gezekki duşuşygyň şeýle görnüşdäki ilkinji duşuşykdygyny belledi hem-de onuň biziň doganlyk halklarymyzyň we döwletlerimiziň arasyndaky gatnaşyklaryň hil taýdan täze tapgyrynyň binýadyny tutjakdygyna ynam bildirdi.

Hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary boýunça pikir alyşmalaryň dowamynda sammitiň üçtaraplaýyn syýasy-diplomatik gatnaşyklary pugtalandyrmaga, söwda-ykdysady, maýa goýum, medeni-ynsanperwer ulgamlarda hyzmatdaşlygy giňeltmäge mümkinçilik berjekdigi nygtaldy.

Şeýle hem üç dostlukly ýurduň halkara düzümleriň çäklerinde, hususan-da, Türki Döwletleriň Guramasynyň, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Goşulyşmazlyk Hereketiniň we beýleki düzümleriň çäklerindäki hyzmatdaşlygynyň ägirt uly kuwwata eýedigi bellenildi. Şunda Türkmenistanyň, Azerbaýjanyň we Türkiýäniň özara bähbitlere, şeýle hem sebit we dünýä möçberinde parahatçylygy, abadançylygy we ösüşi üpjün etmegiň maksatlaryna laýyk gelýän hyzmatdaşlygy depginli we hemmetaraplaýyn ösdürmegi maksat edinýändikleri tassyklanyldy.

### MÜMKINÇILIKLERIMIZIŇ BIRLEŞDIRILMEGI MILLI YKDYSADYÝETLERIMIZI ÖSDÜRMÄGE ÝARDAM EDER

Soňra sammit üç ýurduň wekiliýetleriniň gatnaşmagynda giňişleýin düzümde dowam etdi.

Hormatly Prezidentimiz üç döwletiň mümkinçilikleriniň birleşdirilmegi, bilelikdäki serişdeleriň, geografik, tehnologik mümkinçilikleriň ulanylmagy diňe bir biziň ýurtlarymyzyň milli ykdysadyýetlerini ösdürmäge güýçli ýardam etmän, eýsem, bütin Ýewraziýa giňişliginde geoykdysady düzümlere täze dörediji many-mazmun we häsiýet hem berer diýip, nygtady. Gürrüň, ozaly bilen, energetika hem-de ulag ýaly strategik ugurlar barada barýar.

Halkara energetika hyzmatdaşlygy ulgamynda Türkmenistan, Azerbaýjan we Türkiýe energiýa serişdelerini dünýä bazarlaryna ibermegiň sazlaşykly, köp görnüşli ulgamyny döretmek ugrunda çykyş edýärler. Munuň özi köptaraply bähbitleri hasaba almak bilen, bu ulgamlaryň ugurlaryny diwersifikasiýa etmäge, olaryň işlemeginiň anyk we aýdyň ölçeglerine esaslanmalydyr. Ygtybarlylyk hem-de howpsuzlyk kepillendirmelerine daýanmalydyr diýip, döwlet Baştutanymyz belledi. Biz tebigy gazy Türkmenistandan we Azerbaýjandan Türkiýä, soňra bolsa dünýä bazarlaryna ibermekde hyzmatdaşlygy ýola goýmak baradaky bilelikdäki başlangyçlarymyza hut şunuň bilen baglylykda seretmelidiris.

Ulag hyzmatdaşlygy beýleki bir örän möhüm ugur bolup durýar. Biz Aziýanyň we Ýewropanyň arasynda öz ýurtlarymyzyň üstünden geçýän üstaşyr ulag geçelgelerini döretmegiň bilelikdäki strategiýasyna daýanýan üçtaraplaýyn ysnyşykly hyzmatdaşlygyň zerurdygy baradaky pikire goşulýarys diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy.

Türkmenistan – Azerbaýjan – Türkiýe täze ulag geçelgesi geljegi uly bolan taslamalaryň birine öwrülip biler. Şunuň bilen baglylykda, türkmen tarapy şu ugur boýunça ýük daşamaga amatly bolmagy üçin, ýeke-täk logistik merkezi döretmek baradaky meselä seretmegi teklip edýär.

Döwlet Baştutanymyz sözüni dowam edip, Gündogar – Günbatar ugry boýunça ygtybarly ulag köprüsini döretmekde Türkmenistanyň, Azerbaýjanyň we Türkiýäniň esasy orny eýelemelidigine ynam bildirdi. Bu ugurdaky bilelikdäki tagallalarymyz köp babatda beýleki halkara hyzmatdaşlar, iri maýa goýujylar bilen ylalaşyklary gazanmaga ukyplydyr.

Şeýle hem halkara giňişlikde ylalaşylan ulag diplomatiýasyny has maksada okgunly alyp barmak zerurdyr. Bu diplomatiýa bolsa ýöriteleşdirilen düzümler bilen işjeň hereketleri göz öňünde tutýar. Hususan-da, gürrüň Birleşen Milletler Guramasynyň Ýewropa Ykdysady Komissiýasy (ÝYK), bu guramanyň Aziýa we Ýuwaş umman üçin Ykdysady we Durmuş Komissiýasy (ESKATO), Halkara awtomobil ulaglary birleşigi hem-de beýleki düzümler barada barýar.

Söwda, senagat kooperasiýasy ulgamlarynda, beýleki möhüm ugurlarda üçtaraplaýyn gatnaşyklary giňeltmek ýaly düýpli meseleden hem çetde durulmaly däldir.

Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, bu ugurda hoşniýetli goňşuçylygyň bilelikdäki gowy tejribesine hem-de däplerine daýanyp, biz hyzmatdaşlyk gatnaşyklarymyza talabalaýyk itergi bermäge ukyplydyrys. Işewür bileleşikleriň arasynda täze gatnaşyklary açmalydyrys we işjeň peýdalanmalydyrys, ýurtlarymyzyň çäklerinde taslamalara bilelikdäki maýa goýumlaryny höweslendirmelidiris.

Türkmenistanyň, Azerbaýjanyň we Türkiýäniň ykdysady mümkinçiligi doly netije bermegi üçin ulanylmalydyr. Dünýä ösüşiniň häzirki meýillerine we esasy ugurlaryna, ozaly bilen, onuň tehnologik, sanly, ekologik taraplaryna gönükdirilmelidir. Ýurtlarymyzyň arasynda durnukly ykdysady geçelgeleri döretmäge işjeň girişmegiň wagty geldi.

Şeýle hem döwlet Baştutanymyz sammite gatnaşyjylara ýüzlenip, dünýäde ýönekeý bolmadyk ýagdaýlaryň bolup geçýän häzirki döwründe halklarymyzyň arasyndaky özara düşünişmegi we dostlugy berkitmegiň örän möhümdigini belledi. Şu meselede medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyk, döredijilik we ylmy işgärleriň, talyp ýaşlaryň hem-de mekdep okuwçylarynyň, türgenleriň gatnaşyklary aýratyn orny eýelemelidir. Parlamentara hyzmatdaşlyga-da möhüm wezipe degişlidir. Şeýle gatnaşyklary döwlet tarapyndan goldamak geljege goşantdyr. Häzirki döwürde bilelikdäki tagallalarymyz arkaly, şol sanda şu duşuşygyň barşynda emele gelýän däpleriň miras geçmeginiň we dowam etmeginiň berk kepilidir diýip, hormatly Prezidentimiz belledi.

### AZERBAÝJAN BILEN TÜRKMENISTANYŇ HARYT DOLANYŞYGY BÄŞ ESSE ARTDY

Duşuşygyň dowamynda hormatly Prezidentimiz Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýewe söz berdi.

Azerbaýjanyň Baştutany häzirki wagtda taryhy gatnaşyklara daýanýan biziň özara hyzmatdaşlygymyz söwda-ykdysady, ulag-logistika we beýleki ulgamlarda döwletara gatnaşyklaryň işjeňleşdirilmegine ýardam berýär diýip, şu ýyl Azerbaýjan Respublikasy bilen Türkmenistanyň arasyndaky haryt dolanyşygynyň bäş esse artandygyny nygtady.

Belent mertebeli myhmanyň belleýşi ýaly, Azerbaýjan, Türkmenistan we Türkiýe ulag hem-de logistika ulgamlarynda, bu ugurda taslamalary durmuşa geçirmekde uly üstünlikleri gazandylar, munuň özi netijeli hyzmatdaşlyk üçin täze mümkinçilikleri açýar.

Azerbaýjan Lideri çykyşynyň ahyrynda şu gezekki üçtaraplaýyn sammitiň ähmiýetini ýene-de bir gezek nygtap, şeýle duşuşyklaryň geljekde hem yzygiderli ýagdaýda geçiriljekdigine hem-de olaryň biziň doganlyk ýurtlarymyzyň arasynda gatnaşyklaryň mundan beýläk-de ösdürilmegine ýardam etjekdigine umyt bildirdi. ■ 2



## Türkmenistanyň ilkinji «akylly» şäheri

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda giň gerimli maksatnamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär. Ata Watanymyzyň syýasy, ykdysady, durmuş, medeni taýdan depginli ösüşini üpjün etmek, raýatlaryň ýaşaýyş derejesini yzygiderli ýokarlandyrmak, ýaşlaryň bagtyýar geljegini üpjün etmek döwlet we milli maksatnamalarymyzyň esasy wezipesidir.

Türkmenistan döredýän we gurýan kuwwatly döwletdir. Gurluşyk pudagy döwletimiziň üstünlikli durmuşa geçirilýän ykdysady syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. ■ 3



## Milli mirasyň belent sarpasy

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Watanymyzyň döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri-de, abraýly halkara düzümleriň, şol sanda Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde hyzmatdaşlygyň alnyp barylmagydyr. Häzirki wagtda Türkmenistanda umumadamzat gymmatlyklarynyň hazynasyna ägirt uly goşant goşan halkymyzyň köpasyrlyk medeni mirasynyň iň görnükli nusgalary ÝUNESKO-nyň sanawyna girizilýär.

Türkmenistanyň başlangyjy boýunça «Türkmen keşdeçilik sungaty» atly hödürnama ÝUNESKO-nyň Maddy däl medeni mirasy goramak boýunça komitetiniň Marokko Patyşalygynyň Rabat şäherinde geçirilen 17-nji mejlisinde biragyzdan kabul edildi we hödürnama laýyklykda, türkmen keşdeçilik sungaty ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi. ■ 3



## Ykdysadyýetimiziň girdejili pudagy

Her ýylyň 14-nji dekabrynda Nebitgaz senagaty we geologiýa işgärleriniň güni uludan baýram edilip bellenilýär. Bu sene milli ykdysadyýetimiziň esasy pudagy bolan nebitgaz senagaty pudagynyň işçi-hünärmenlerine, şeýle-de geologiýa işgärlerine goýulýan çäksiz sarpadan, olaryň işine berilýän ähmiýetden nyşandyr.

Ýurdumyz uglewodorod serişdeleriniň gorlary boýunça dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň biridir. Şonuň bilen baglylykda, ösüşiň täze tapgyrynda nebitgaz pudagynyň işini kämilleşdirmäge, önümçilik kuwwatlyklaryny ýokarlandyrmaga, ýangyç-energetika toplumyny köpugurly esasda ösdürmäge möhüm üns gönükdirilýär. ■ 3



## BIODÜRLÜLIK boýunça maslahat geçirilýär

«Dünýä jemgyýeti tebigat bilen parahatçylykly şertnama baglaşmaly». Bu barada BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş Kanadanyň Monreal şäherinde geçirilýän BMG-niň Biodürlülik boýunça maslahatynda eden çykyşynda belledi. ■ 4



## TANS SUNGATYNYŇ milli nusgalary

Tans sazlaşykly beden hereketleri bilen medeniýeti we ruhy ahwalaty janlandyrýan gymmatly sungat eseridir. Tans asyrlarboýy dünýä medeniýetiniň aýrylmaz bir bölegi bolup gelýär. ■ 5



## 80-nji «ALTYN GLOBUS» baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi

Kino sungatynyň esasy baýraklarynyň hatarynda görkezilýän «Altyn globus» baýraklarynyň bu ýylky dalaşgärleri mälim edildi. ■ 6



## ARGENTINA – FRANSIÝA: 3-nji çempionlygyň finaly

Katar 2022 Dünýä Kubogynyň çempiony ýekşenbe güni, ýagny 18-nji dekabrda oýnaljak finaldan soň belli bolar. Aşgabat wagty bilen 20:00-da başlanjak finalda Argentina bilen Fransiýanyň ýygyndylary duşuşar. ■ 8

# BEÝIK ÖSÜŞLERI NAZARLAÝAN DOST-DOGANLYK GATNAŞYKLARY

Başlangyjy 1-nji sahypada.

### ÜÇTARAPLAÝYN HYZMATDAŞLYK PUGTALANDYRYLAR

Soňra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogana söz berdi.

Prezident Rejep Taýyp Ärdogan ýurtlarymyzda bar bolan strategik mümkinçilikleriň esasynda üçtaraplaýyn hyzmatdaşlygyň pugtalandyryljakdygyna ynam bildirdi, şol mümkinçilikler umumy bähbitler üçin doly derejede herekete getirilmelidir.

Energetika we ulag ulgamlary hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda kesgitlenildi. Ulag geçelgelerini ösdürmek we netijeli peýdalanmak boýunça hyzmatdaşlykda ýurtlarymyzyň artykmaçlyklarynyň peýdalanylmagyna uly ähmiýet berilýär. Türk Lideri şeýle hem özara haryt dolanyşygynyň möçberlerini artdyrmak üçin tagallalary birleşdirmegiň zerurdygy baradaky pikiri beýan etdi.

Türkiýäniň Baştutany türki döwletleriň ýaşlarynyň arasynda ýakyn gatnaşyklaryň höweslendirilmegini hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň biri hökmünde görkezdi, munuň özi olaryň arasynda dost-doganlyk gatnaşyklarynyň pugtalandyrylmagyna ýardam berer.

Hormatly Prezidentimiz duşuşygyň netijelerini jemläp, belent mertebeli myhmanlara üçtaraplaýyn sammite gatnaşmak üçin Türkmenistana sapar bilen gelmek baradaky çakylygy kabul edendikleri hem-de many-mazmunly çykyşlary üçin minnetdarlyk bildirdi.

### MÖHÜM RESMINAMALARA GOL ÇEKILDI



Duşuşygyň jemleri boýunça Türkmenistanyň, Azerbaýjan Respublikasynyň we Türkiýe Respublikasynyň döwlet Baştutanlarynyň birinji sammitiniň Bilelikdäki Beýannamasy kabul edildi, onda üç ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň ýokary derejesi kanagatlanma bilen bellenilýär, geljekde hem köptaraplaýyn strategik hyzmatdaşlygy hemmetaraplaýyn ösdürmäge, parahatçylygy, howpsuzlygy we durnuklylygy üpjün etmek, ählumumy we sebit derejelerinde ynanyşmak hem-de özara düşünişmek ýagdaýyny emele getirmek maksady bilen halkara giňişlikde netijeli gatnaşyklary pugtalandyrmaga taýýarlyk beýan edilýär.

Döwlet Baştutanlarynyň gatnaşmagynda Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk hakynda Türkmenistanyň Hökümetiniň, Azerbaýjan Respublikasynyň Hökümetiniň we Türkiýe Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda Ylalaşyga; 2023 – 2025-nji ýyllar üçin ylym, bilim we medeniýet babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň Hökümetiniň, Azerbaýjan Respublikasynyň Hökümetiniň we Türkiýe Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda Çarçuwaly maksatnama; Gümrük hyzmatdaşlygy boýunça bilelikdäki konsultatiw topary döretmek barada Türkmenistanyň Hökümetiniň, Azerbaýjan Respublikasynyň Hökümetiniň we Türkiýe Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Energetika babatda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek hakynda «Türkmengaz» döwlet konserniniň, Azerbaýjan Respublikasynyň Energetika ministrliginiň we Türkiýe Respublikasynyň Energetika we tebigy serişdeler ministrliginiň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Ulaglar babatda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek barada Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň, Azerbaýjan Respublikasynyň Sanly ösüş we ulag ministrliginiň we Türkiýe Respublikasynyň Ulag we infrastruktura ministrliginiň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekildi.

Sammit tamamlanandan soňra, üç ýurduň daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylary köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň öňünde çykyş edip, duşuşygyň jemleri barada habar berdiler.

## 23 MILLIARDLYK paýnamasyny satýar

Dünýäniň iň baý işewürlerinden Ilon Mask «Tesla» kompaniýasynyň 3,58 milliard dollarlyk paýnamasyny satdy. «Tesla»-nyň baş direktory Mask 2022-nji ýylda takmynan 23 milliard dollarlyk paýnamalaryny satdy.



«Twitter» jemgyýetçilik toruny 44 milliard dollara satyn alan Mask elektroulaglary öndürýän kärhanasynyň paýnamalaryny satýar. Mask elektroulag öndürmekde dünýäniň öňdebaryjy «Tesla» kompaniýasyna ýolbaşçylyk edýär.

Ilon Mask «Tesla» kompaniýasyny 2003-nji ýylda Kaliforniýada esaslandyrdy. Ilkibaşda kompaniýa diňe elektromobilleri öndürýärdi, ýöne soň önümçiligini batareýalara we beýleki energiýa toplaýjy ulgamlara çenli giňeltdi.

**Merdan SEÝITLIÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## INTERNET tizliginde täze rekord

Ýaponiýada sekuntda internet tizliginde täze rekord hasaba alyndy. Ýurduň Maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalary instituty (NICT) sekuntda 1,02 petabit maglumat geçirip, rekord goýandyklaryny mälim etdi. Institutyň hünärmenleri diňe bir ýagtylyk çeşmesi hem-de optiki çip arkaly şeýle tizlige ýetendiklerini belleýärler. Hünärmenler bar bolan infrastrukturanyň täze ýetilen tizlige uýgunlaşyp biljekdigini aýdýarlar. Şeýle hem internetiň tizligini artdyrmak üçin has köp geçiriji ulanmagyň deregine, tolkun «daragy» atly lazer çeşmesinden peýdalanmagy teklip edýärler. Optiki çip lazeri ýagtylyk spektrine bölýär we ýüzlerçe tapawutly reňk öndürilip, tolkun «daragy» döredilýär. Bu reňkleriň her biri maglumat geçirmekde peýdalanylýar.



Häzirlikçe laboratoriýa şertlerinde hasaba alnan tizlik şäherlerdäki infrastruktura oturdylan ýagdaýynda ýakyn geljekde 12 müň 500 TB maglumat diýmegi aňladýan 100 Pbit/sekunt internet tizligi durmuşa geçirilip bilner.

**Baýram JUMANIÝAZOW,**
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby.*

## GÜNI ýakyndan surata düşürdi

Hytaýyň Milli kosmos ylym merkezi «Kuafu-1» emeli hemrasy arkaly Günüň suratyny düşürdi. Şu ýylyň 9-njy oktýabrynda uçurylan emeli hemra Günüň magnit meýdanyny öwrenmekde peýdalanylýar. «Kuafu-1» Günüň nähili emele gelendigini we kosmosyň howasyna nähili täsir edýändigini öwrenmek maksady bilen uçuryldy. Ýerden 720 kilometr uzaklykdaky enjam arkaly iki aýyň dowamynda gymmatly maglumatlar toplanypdyr. Bu enjamyň üsti bilen Günüň ýüzünde bolup geçýän partlaýyşlar hem ýakyndan öwrenilýär.



«Kuafu» taslamasyny taýýarlamaga 2012-nji ýylda girişilipdi.

**Anastasiýa ÝELIZAROWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## WIDEO oýunlary ýygnap, rekord goýdy

Amerikaly Antonio Romero Monteýro wideo oýunlaryň has giň toplumyny ýygnap, Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girdi. Tehas ştatynyň ýaşaýjysy 24 müň 268 oýun jemledi. Riçmond şäherinde ýaşaýan Monteýro ozal hem rekordlar kitabyna adyny ýazdyrypdyr. Geçen ýylyň dekabrynda onuň jemlän oýunlarynyň sany 20 müňden geçipdir. Tehasly Monteýronyň öýünde 100 sany oýun konsuly bar. Onuň ýygnan wideo oýunlarynyň umumy bahasynyň 2 million dollardan gowrakdygy çaklanylýar. Monteýro çagalykdan wideo oýunlaryna uly gyzyklanma bildirýän eken. Wagtyň geçmegi bilen ol hakyky güýmenjä öwrülipdir.



**Sünnet MEHMANGULYÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Saglygymyzy goralyň!

Gyş möwsüminiň gysga günlerinde biziň fiziki işjeňligimiz belli bir derejede haýal bolup, göwnümiz köplenç ýokary kaloriýaly iýmitleri küýseýär. Gynansak-da, sowuk günlerde ýüze çykýan käbir isleglerimiz biziň saglygymyzy goraman, gaýtam biziň immun ulgamymyzy pese düşürýär. Gyşda dürli nähoşluklara sebäp bolýan möwsümleýin wiruslar peýda bolýar. Ýylyň sowuk günleri saglygy we immuniteti berkidýän birnäçe maslahatlar berlip, bedeniň işjeňligini goramakda çynlakaý ýardam edýär.

Ozaly bilen suwuklygy köp içmek maslahat berilýär. Beden üçin suw zerur bolup, ol içegäniň kadaly işlemegine ýardam berýär. Gök çaý bolsa, düzümindäki oksidantlaryň hasabyna immuniteti berkidýär.

Uky bedene düşen agramy gaýtadan dikeldip, işjeňligimizi artdyrmak üçin zerurdyr. Eger-de oňa biparh garasaň, beden öz ulgamyndaky näsazlyklary düzetmegiň hötdesinden gelip bilmeýär. Şeýle-de uky bedeniň gorag ulgamyny berkidýär.

Fiziki işjeňligiň ýa-da sportuň haýsydyr bir görnüşi bilen meşgullanyň! Çünki hereket kaloriýany



ýakyp, gan aýlanyşygyny gowulandyrýar, bedeniň durmuşa bolan işjeňligini ýokarlandyrýar. Şeýle-de D witaminini almak maksady bilen aram-aram açyk meýdana çykyň!

**Gurbandurdy ORAZOW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň terapewtik stomatologiýa kafedrasynyň mugallymy, lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty.*

## Ýokanç keselleriň öňüni almak üçin maslahatlar

Şahsy we jemgyýetçilik arassaçylygy babatdaky tertip-düzgünleri berjaý ediň! Elleriňizi arassa saklaň!

Gartaşan adamlar we çagalar daşaryk çykmazdan, jemgyýetçilik ýerlerine barmazdan öň, hökman burnuň nemli bardasyna «oksolin» melhemini çalmaly.

Ýiti respirator keseliň alamatlary asgyrmak, üsgürmek, bokurdagyň nemli bardasynyň gyzarmagy, burnuň dykylmagy, beden gyzgynynyň ýokarlanmagy, kellagyry, endam-janyň agyryp üşütmegi we işdäniň kesilmegi ýaly ýagdaýlar bilen ýüze çykýar. Eger-de siz ýa-da maşgalaňyzyň bir agzasy ýiti respirator ýokanç kesel bilen näsaglan bolsa, lukmana ýüz tutmaly we diňe maşgala lukmany tarapyndan bellenen, ýöriteleşdirilen bejergini kabul etmeli.

Maşgala lukmany bilen maslahatlaşyp, milli tagamymyz bolan gyzyl burç goşulan unaşy içmeli. Gyzyl burçuň düzümindäki fitonsidler, peýdaly maddalar adam bedeniniň kesele garşy göreşijilik ukybyny ýokarlandyrmaga ýardam berýär. Unaş möwsümleýin keselleriň öňüni almakda we olary ýeňil geçirmekde hem örän peýdaly tagamdyr. Naharyň gapdalyndan sogan we sarymsak iýmegi endik ediniň!

Bedeniň kesele garşy durnuklylygyny



ýokarlandyrmak üçin Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynda bejerijilik häsiýetli aýratynlyklary beýan edilýän itburun, çopantelpek, buýanyň köki, käkilik oty, keýik oty, alyç ýaly dermanlyk ösümliklerden taýýarlanan melhem çaýlary içmegi endik edinmeli.

*Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.*

## Önümçiligi 53 ýyl dowam etdi

Dünýäniň iri uçar kompaniýasy 53 ýyl ozal öndürilip başlanan «Boeing 747»-niň önümçiligini ýatyrdy. Kompaniýanyň öndüren soňky howa gämisi konweýerden çykyp, sargyt eden müşderä gowşuryldy. Şeýlelikde, awiasiýa taryhyndaky iň meşhur howa gämisiniň soňkusy öndürildi. Uçar ýarym asyrdan gowrak wagt bäri Waşington ştatyndaky zawodda öndürilýärdi. Soňky uçaryň eýesi şu ýylyň başynda dört sany «747-8» ýük uçaryny sargyt eden «Atlas Air» kompaniýasy boldy. Bu kompaniýa diňe ýük gatnawyny amala aşyrýar. «Boeing 747»-niň ýük we ýolagça niýetlenen görnüşleri bolup, 500 orunlyk ýolagçy görnüşi hem bar. Howa gämisi ilkinji gezek 1969-njy ýylda öndürilende dünýäniň iň uly we ilkinji iki koridorly ýolagçy uçary bolupdy. Şondan bäri 53 ýyl geçendigine garamazdan häzirki wagtda hem iň uly ýolagçy uçarlarynyň biri hasaplanýar. Ýük gatnatmaga niýetlenen görnüşi bolsa, has uly gabarasy bilen tapawutlanyp, ägirt uly tehnikalary daşap bilýär.



**Şirinaý BAÝMUHAMMEDOWA,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

## Jemgyýetçilik ulaglary tölegsiz bolar

ABŞ-nyň Waşington şäherinde geljek ýylyň tomus aýlaryndan başlap jemgyýetçilik ulaglary tölegsiz bolar. Şäheriň ýerli häkimiýetiniň ýolbaşçylary pandemiýa döwründe jemgyýetçilik ulaglarynyň işleýän ýaşaýjylar üçin näderejede ähmiýetlidigini ýüze çykarandygyny aýdyp, şeýle netijä gelnendigini mälim etdiler. Bilermenler bu düzgüniň ýolagçy sanynyň artmagy, ýaşaýjylaryň çykdajylarynyň azalmagy, jemgyýetçilik ulaglarynyň sanynyň we hiliniň artmagy, ýol hereketinde beýleki ulaglaryň azalmagy ýaly netijeleri berjekdigini belleýärler.



1-nji iýuldan başlap, jemgyýetçilik ulagyna münülen wagty tölenýän 2 dollarlyk töleg kabul edilmez. Ýerli häkimiýetiň mejlisiniň biragyzdan kabul eden kararyna görä, şäher merkezindäki esasy 12 ugurdaky awtobus gatnawy 24 sagat hyzmat eder. Bu bolsa, metro we beýleki ulag serişdeleri iş wagtynyň gutarmagyndan soňra bir ýere gitmek isleýän ýolagçylaryň taksiler üçin çykdajylarynyň öňüni alar.

**Suraý GULJANOWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

## Gurluşygyna başlandy

Saud Arabystanynda «The Line» atly şäheriň gurluşygyna başlandy. Ýurduň demirgazyk-günbatarynda peýda boljak täzeçil şäheri «Neom» kompaniýasy gurýar. Şeýle ýaşaýyş toplumynyň gurulmagynyň esasy maksady adaty hereketlendirijili awtoulaglaryň bolmadyk hem-de howany hiç hili hapalamaýan ekoulgamy döretmekden ybarat. «The Line»-niň gurluşygy, köp babatda nebite garaşly bolan Saud Arabystanynyň ykdysadyýetini diwersifikasiýa etmäge gönükdirilen ösüş taslamalarynyň sanawyna girýär. Içinde elektroulaglar hereket etjek şäher köp sanly seýilgählerden we tebigy landşaftlardan ybarat bolup, bir tarapy deňze baryp ýeter. Bu şäheriň XXI asyrda we ondan soňky döwürde şäher dizaýnynyň we onuň tebigat bilen sazlaşygynyň nusgasy bolmagyna garaşylýar. Uzynlygy 170 kilometre, ini 200 metre barabar boljak şäheriň bir tarapyndan beýleki bir tarapyna çenli demir ýol ulagy hereket eder. «Soar Earth» atly kompaniýa şäheriň eýeleýän meýdanyny görkezýän kosmosdan alnan suratlary ýaýratdy. Suratlarda gurluşyk tehnikalaryny hem görmek bolýar.



**Gadam BAÝHANOW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## Tebigy ýagtylygyň peýdasy

Waşington uniwersitetiniň hünärmenleriniň geçiren barlagy tebigy ýagtylygyň adamyň rahat uklamagyna ýardam edýändigini ýüze çykardy. 2015-nji ýyldan 2018-nji ýyla çenli aralykda 507 meýletinçiniň günüň dowamynda näçe wagt uklaýandygy we ýagtylykda gezýändigi eline dakylan goşarlyk arkaly hasaplandy. Maglumatlar meýletinçileriň her gün şol bir wagtda düşege geçýändigine garamazdan, gyşyna tomusdaka garanyňda ortaça 35 minut soňra uka gidip, 27 minut giç turýandygyny görkezdi. Şeýlelikde, tomsuna ýagtylygyň köp, gyşyna az bolmagynyň täsiriniň bardygy belli boldy. Bilermenleriň bellemeklerine görä, gündizine Günüň tebigy ýagtylygyna çykmadyk adamlar agşamky ukusynyň gijikmegine sebäp bolýar. Esasan hem, irdenki ýagtylyk adamyň agşam ýadamagyna we ir ýatmagyna getirýär. Emma ýagtylyga giç çykmak günüň dowamynda özüňi ýadaw duýmaga sebäp bolýar.



**Jahan LAMANOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň patologik anatomiýa kafedrasynyň assistenti, lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty.*

## Astronawtlar üçin arassaçylyk serişdelerini öndürer

ABŞ-nyň Aerokosmos edarasy astronawtlar üçin şahsy arassaçylyk harytlaryny sargyt etdi. Mälim bolşy ýaly, Halkara kosmos bekedinde işleýän astronawtlar Ýeriň dartyş güýjüniň ýokdugy sebäpli adaty arassaçylyk serişdelerini ulanyp bilmeýärler. Munuň üçin «Colgate-Palmolive» kompaniýasy bilen hyzmatdaşlyk ediler. Astronawtlaryň geýýän egin-eşiklerini, iýmitini we beýleki ulanýan zatlaryny öndürmek üçin dürli kompaniýalar bilen hyzmatdaşlyk edilýär. Täze ylalaşyga görä, «Colgate-Palmolive» hem kosmos giňişligindäki, hem-de Ýerdäki astronawtlar üçin şahsy arassaçylyk we ten saglygy üçin serişdeleri öndürer. Kompaniýanyň täze önümleri has innowatiw bolup, az suw talap eder we berk gaply bolar. Şeýle hem kompaniýa ylalaşygyň çäklerinde Halkara Kosmos Bekedinde käbir synaglary geçirmäge mümkinçilik alar.




**Wepa ŞYHYÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Sazyň peýdasy

Sazyň adamyň ruhuna täsir edýändigi bellenilýär. Munuň dogrulygy ylmy taýdan subut edildi. Adam bedeni ýaşamak üçin nahar iýmäge, suw içmäge zerurlyk duýşy ýaly ruhy taýdan iýmitlenmäge-de zerurlyk duýýar. Mahal-mahal ýeke wagtymyzda biygtyýar aýdyma hiňlenmegimiz hem muny subut edýär. Köp adam şol wagtky başdan geçirýän duýgularyna görä aýdym-saz diňlemegi halaýar. Amerikan alymlary ABŞ-da, Awstraliýada we Angliýada geçirilen sazyň ruhy dünýä täsiri barada 26 ylmy işi seljerdiler. Ylmy seljermäniň netijeleri «Journal of the American Medical Association Network Open» atly žurnalda çap edildi. Makalada aýdym aýtmagyň, diňlemegiň we saz guralyny çalmagyň adama birmeňzeş täsir edýändigi bellenilýär. Şeýle hem bilermenler sazyň her adama başgaça täsir edýändigini ýüze çykardylar. Mundan başga-da adamyň beýnisiniň sazy has ir, hatda ene göwresindekä duýýandygy anyklandy. Aýdym diňlemegiň çagalarda sözlere çalt düşünmäge ýardam edýändigi hem bellenildi.



**Mahym MEREDOWA,**
*Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň mugallymy.*

## DOLULYGYNA «akylly» ulgama geçiler

Gündelik durmuşda hem-de senagatyň dürli ugurlarynda ulanylýan «akylly» ulgamlar energiýany we çig maly tygşytlamaga, fiziki zähmeti ýeňilleşdirmäge ýardam edýär. Şeýle bolansoň, «akylly» ulgamlar dürli ugurlarda giňden durmuşa ornaşdyrylýar. Bangladeşiň hökümet başlygy Şeýh Hasina 2041-nji ýyla çenli dolulygyna «akylly» ulgama geçiljekdigini belledi. Bu ulgam dürli ugurlary öz içine alar. Hökümet başlygy bu barada «Sanly Bangladeş» gününiň açylyşynda eden çykyşynda belledi. Bu maksatnamany durmuşa geçirmek üçin her bir raýata ösen tehnologiýadan peýdalanmak öwrediler, ykdysadyýetde «akylly» ulgamlar has artdyrylar. Döwlet tarapyndan hödürlenýän hyzmatlarda «akylly» ulgamlar has köp peýdalanylar.



Awtomatlaşdyrylan «akylly» ulgamlar öý hojalygynda ulanylýan enjamlardan başlap, önümçilikde hem peýdalanylýar. Geljekde aragatnaşyk tehnologiýasynyň artmagy, jisimleriň internetiniň peýda bolmagy we enjamlaryň öz aralarynda utgaşykly hereket edip bilmegi «akylly» ulgamlaryň has köp ýaýramagyna getirer.

**Täçnabat GULBERDIÝEWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy.*

## IŇ KÖP syýahatçy kabul eden şäherler

Tamamlanyp barýan 2022-nji ýylda iň köp syýahatçy kabul eden şäherleriň sanawy mälim edildi. Bu ýyl pandemiýa bilen baglanyşykly çäklendirmeleriň aradan aýrylmagy bilen syýahatçylyk pudagy dikeldilip başlandy. Şeýle bolansoň, halkara howa gatnawlary hem artdy. Angliýanyň «Euromonitor» kompaniýasynyň maglumatlary esasynda «CNN Travel» neşiri dünýäniň iň köp barlan şäherleriniň sanawyny ýaýratdy. Sanawa 100 şäher girizlipdir. Ilkinji onlukda Pariž, Dubaý, Amsterdam, Madrid, Rim, London, Mýunhen, Berlin, Barselona we Nýu-Ýork bar. Sanawdan görnüşi ýaly Ýewropa şäherleri öňdeligi eýeleýär. Dünýäniň iň köp syýahatçy çekýän şäherleriniň arasynda Pariž birinji ornuny saklamagyny dowam etdirýär. Ýakyn Gündogaryň täjirçilik şäheri hasaplanýan Dubaý hem-de ABŞ-nyň meşhur şäheri Nýu-Ýork hem öňdäki orunlary eýeleýär.



**Saparmuhammet ATAÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*


ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Dekabr aýynyň 16-sy, 2022
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-110716
Belgisi: 50/1512
Tiražy: 6740
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
elektron poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Zenanlaryň jemgyýetdäki orny pugtalanýar

*Türkmenistan özüniň hemişelik bitaraplyk hukuk derejesinden ugur alyp, daşary syýasat ulgamynyň we diplomatiýasynyň işini döwrebap kämilleşdirip, dünýäniň ähli döwletleri, şol sanda goňşy döwletler bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklaryň ösmegine ýardam bermek ýörelgelerinden ugur alýar. Halkara Bitaraplyk gününiň hem-de Türkmenistanyň Bitaraplyk hukuk derejesine eýe bolmagynyň 27 ýyllygynyň bellenilýän günlerinde Aşgabatda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenanlarynyň dialogynyň maslahaty geçirildi.*

BMG-niň goldawy bilen 2020-nji ýylyň dekabrynda Gazagystan Respublikasynyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistan Respublikasynyň, Türkmenistanyň we Özbegistan Respublikasynyň wekilleri tarapyndan döredilen bu Dialog – zenanlaryň jemgyýetdäki orny, gender deňligi, zenanlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak, zenanlaryň maliýe ykdysady mümkinçiliklerini giňeltmek, parlamentara gatnaşyklaryny täze derejelere çykarmak üçin global meseleleri ara alyp maslahatlaşmak, pikir alyşmak, tejribe bilen paýlaşmak üçin amatly platforma bolup çykyş edýär. Mälim bolşy ýaly, şu ýyl Türkmenistan Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenanlarynyň dialogyna başlyklyk edýär. Maslahatda bu guramanyň 2022-nji ýylda ýerine ýetiren işleriniň jemlerini jemlediler, şeýle hem dialogy giňeltmegiň mümkinçiliklerini hem-de 2023-nji ýyl üçin iş meýilnamalaryny ara alyp maslahatlaşdylar. Merkezi Aziýanyň zenanlarynyň dialogyna geljek ýyl başlyklyk etmek hukugy Gazagystan Respublikasyna geçirildi. Türkmenistan zenanlaryň dialogyny geçirmekde oňyn tejribe toplady, sebit derejesinde şeýle dialog 2021-nji ýylyň awgust aýynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynyň çäklerinde geçirildi. Şu ýylyň maý aýynda Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygynyň başlangyjy boýunça Aşgabatda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Russiýa Federasiýasynyň «Jemgyýetçilik-syýasy we durmuş-ykdysady ösüşlerde zenanlaryň orny» ady bilen zenanlaryň dialogy üstünlikli geçirildi.





Hyzmatdaşlygyň täze görnüşi bolan zenanlaryň dialogy doganlyk döwletleriň arasyndaky özara gatnaşyklary giňeltmekde, gender syýasatynyň durmuşa geçirilmeginde uly ähmiýete eýedir. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, Merkezi Aziýa döwletleriniň we Russiýanyň zenanlarynyň dialogy diňe bir oňa gatnaşýan ýurtlaryň arasynda gatnaşyklary ösdürmäge däl, eýsem, tutuşlygyna bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga täzeden itergi berdi.

Dostluk, doganlyk, agzybirlik ýörelgelerine eýerip geçirilýän duşuşyklar geljekde hem ýurdumyzyň dünýä döwletleri bilen parlamentara gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga, hoşniýetli dostluk-doganlyk gatnaşyklaryny has-da berkitmäge ýardam eder.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bagtyýar ýaşaýan halkymyz bu gün Arkadagly Serdarymyzyň ýolbaşçylygynda abadançylygyň we bolçulygyň hözirini görüp asuda ýaşaýar, döredijilikli işleýär, ynamly gurýar. Ata Watanymyz Türkmenistan dünýäniň ynamly ösýän, günsaýyn kuwwatlanýan we gözelleşýän döwletleriniň sanawyna ymykly goşuldy. Gazanylýan bu taryhy ýeňişlerde, şöhratly üstünliklerde ýurdumyzda jemgyýetimize peýdaly zähmet bilen meşgullanýan her bir raýatyň, şol sanda zenanlaryň hem mynasyp zähmet goşantlarynyň bardygy aýratyn guwandyryjydyr. Ýurdumyzyň bagtyýar zenanlary jemgyýetçilik ösüşiniň ähli ugurlaryna syýasy, ykdysady, sosial, medeni ugurlaryna işjeň gatnaşýarlar. Bu ugurlarda gazanylýan üstünliklere mynasyp goşant goşýarlar.

Halkara derejesinde şeýle maslahatlary geçirmäge giň mümkinçilikler döredip beren hormatly Prezidentimiziň janynyň sag, ömrüniň uzak, umumadamzat bähbitli beýik işleriniň rowaç bolmagyny arzuw edýäris.

**Aýgül GELENJÄÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Milli mirasyň belent sarpasy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

**Türkmen zenany milli el sungaty bilen bu günki gün dünýäde tanalýar. Halkymyzyň däp-dessurlaryny açyp görkezýän çeper el hünäri bolan türkmen keşdeçilik sungatynyň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi şanly waka bolmak bilen, dünýä medeniýetiniň ösüşine mynasyp goşantdyr.**

**Keşdeçilik sungaty gadymy milli mirasymyzyň biri hasaplanylyp, köýnekleriň ýakasyna, ýeňlerine, kürtelere, çyrpylara, tahýalara hem-de erkek adamlaryň köýnekleriniň ýakalaryna salnan keşdeler işeňňirligi, sabyrlylygy talap edýär. Bu el hünäri ajaýyplygy, gözelligi bilen tapawutlanýan sungatdyr. Nagyşlarda halkyň ruhy dünýäsiniň gadymy ynançlary, milli ýol-ýörelgeleri, bagt, saglyk we halkyň arzuwlary jemlenendir. Şoňa görä-de, nagyşlary bir gezek synlan adam bu reňbe-reň älemiň jadyly dünýäsinden daşlaşyp bilmeýär. Bu jadyly dünýäni tutuşlygyna görmek isleýän islendik ynsanyň durmuşa çykýan gyzyň toý lybaslaryna ser salmagy ýeterlikdir.**



**Ýurdumyzda möhüm taryhy-medeni ýadygärlikleri – Gadymy Merw, Köneürgenç we Nusaý galalary bu guramanyň Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna girizildi. Şeýle hem halkymyzyň «Görogly» şadessany, «Küştdepdi» aýdym-saz sungaty, halyçylyk sungaty hem-de dutar ýasamak senetçiligi, dutarda saz çalmak we bagşyçylyk sungaty ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawynda mynasyp orun eýeledi. Mundan başga-da, şu ýylyň 1-nji dekabrynda ÝUNESKO-nyň Maddy däl medeni mirasy gorap saklamak boýunça hökümetara komitetiniň nobatdaky mejlisinde Türkmenistanyň dostlukly ýurtlar bilen bilelikde hödürlemeginde türkmen keşdeçilik sungaty, Molla Ependiniň şorta sözlerini gürrüň berijilik däbi hem-de ýüpekçilik we dokmaçylykda ýüpek önümçiliginiň däpleri bu guramanyň Maddy däl medeni mirasynyň sanawyna goşuldy.**

**Gahryman Arkadagymyzyň mähriban käbesi Ogulabat ejäniň el işlerinden ussatlyk bilen baş çykarmagy türkmen zenanlaryna görelde mekdebidir. Ogulabat ejäniň on barmagynyň hünäri bolan, sünnälenip bejerilen kürtäniň Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýinde saklanmagy bu nepis sungata, el hünärine goýulýan sarpanyň nyşanydyr.**

**Türkmen keşdeçilik sungatyny düýpli öwrenmek, bu milli mirasymyzy özleşdirmek, ony aýawly saklamak hem-de halk köpçüligine giňden wagyz edip, geljekki nesillere ýetirmek bilen baglanyşykly ähmiýetli işler Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe has-da rowaçlanýar. Munuň özi Gahryman Arkadagymyzyň adalatly, asylly ýoluny dowam etdirýän hormatly Prezidentimiziň ata-babalarymyzyň beýik ýörelgelerine, nusgalyk däplerine, gelin-gyzlarymyzyň dürdäne el işlerine aýratyn hormat goýýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.**

**Annabike ABDYWELIÝEWA,**
*Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň mugallym-öwrenijisi.*

# Gözel tebigaty goramak – mukaddes borç

Ýurdumyzda daşky gurşawy arassa saklamaga, tebigy baýlyklarymyza aýawly çemeleşmäge we olary netijeli peýdalanmaga, ekologiýa taýdan arassa tehnologiýalary önümçilige yzygiderli ornaşdyrmaga möhüm ähmiýet berilýär. Eziz Diýarymyzy bagy-bossanlyga öwürmek, gözel tebigatymyzy aýawly saklamak boýunça maksatnamalaýyn işler durmuşa geçirilýär. Gök zolaklary döretmek boýunça kabul edilen maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly ýaramaz ýagdaýlara garşy göreşmek babatdaky bütindünýä işine ägirt uly goşantdyr. Berkarar döwletimizde her ýyl ýaz we güýz pasyllarynda ählihalk bag ekmek dabarasynyň geçirilmegi her bir şäheriň, ilatly ýeriň daş-töweregindäki çäkleriň gözelleşmegine oňaýly täsirini ýetirýär.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» ýurdumyzyň daşky gurşawyny goramakda ekologiýa syýasaty mynasyp orun tutýar. Howanyň üýtgemegi barada Türkmenistanyň Milli strategiýasynda «ýaşyl ykdysadyýeti» ösdürmegiň esasy ugurlarynyň biri bolan serişdeleriň galyndysyz peýdalanylmagyny gazanmak esasy wezipe hökmünde kesgitlenýär. Baş maksat hökmünde jem-



gyýetiň durmuşynyň ähli ulgamlarynda hemmetaraplaýyn durnukly ýaşyl ösüş konsepsiýasy çykyş edýär. Ösüşiň ekologiýa böleginiň esasy wezipeleri bolsa, ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek, tebigy ekologiýa ulgamlaryny, biologik we landşaft dürlüligini saklap galmak, ýerleriň ýaramazlaşmagyny mümkin bolan derejede peseltmek, ilaty tebigy we tehnogen häsiýetli adatdan daşary ýagdaýlaryň zyýanly täsirlerinden goramagyň degerli ulgamyny döretmek, daşky gurşawyň hilini gowulandyrmak arkaly ekoulgamlaryň ýaşaýşa ukyplylygyny ýokarlandyrmak, hojalyk işiniň ekologiýa taýdan howpsuzlygyny berjaý etmegiň ykdysady esasynyň höweslendiriji ulgamyny döretmek we ekologiýa auditi ulgamyny ösdürmek bolup durýar.

Aziýanyň merjenine deňelýän mähriban paýtagtymyz Aşgabat bu gün diňe dünýäniň ösen we ýaşamak üçin amatly şäherleriniň arasyndaky ornuny pugtalandyrman, eýsem, Ýer ýüzüniň ekologiýa taýdan iň arassa şäherleriniň birine hem öwrülýär. Aşgabadyň şaýollarydyr köçeleriniň ugrunda döredilen ýaşyl zolaklaryň, gür bagly seýilgähleriň ýylyň islendik paslynda gök öwsüp oturmagy şäherimizde arassa howa gurşawynyň döredilmegine oňaýly täsirini ýetirýär.

«Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda ýaşlarda daşky gurşawyň düzüm böleklerine ekologiýa aňyny, medeniýetini we aýawly garaýşy döretmek esasy meseleleriň biri bolup durýar. Ýurdumyzda atmosfera howasyny senagat önümçilikleriniň zyýanly zyňyndylaryndan goramak, «ýaşyl» ykdysadyýet ýörelgelerini giňden ornaşdyrmak, pes uglerodly energetika geçmek, howanyň hapalanmagynyň öňüni almak boýunça halkara ekologiýa kadalaryna laýyk getirmek üçin uly işler durmuşa geçirilýär.

**Atabaý MOMMYÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# Türkmenistanyň ilkinji «akylly» şäheri

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Soňky ýyllaryň dowamynda gurlup ulanmaga berlen dürli maksatly desgalar ösüşiň täze belentliklerine tarap okgunly öňe barýan Watanymyzyň barha artýan kuwwatynyň aýdyň subutnamasydyr. Köp pudakly milli ykdysadyýetimiziň innowasiýalar esasynda mundan beýläk-de ilerledilmegine, örän baý tebigy serişdeleriniň doly derejede peýdalanylmagyna we sebitleriň toplumlaýyn özgerdilmegine gönükdirilen, ileri tutulýan maksatnamalara laýyklykda, ýurdumyzy okgunly ösdürmek üçin şertleriň döredilmeginde maýa goýum-gurluşyk toplumyna ähmiýetli orun degişlidir.





Täze taryhy döwrümizde eziz Diýarymyzyň ähli künjeklerinde iri möçberli şähergurluşyk taslamalary üstünlikli durmuşa geçirilýär. Hususan-da, Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkeziniň gurulmagy, bu ýerde ilatyň ähli amatlyklaryň hözirini görüp ýaşamagy, netijeli işlemegi we okamagy, göwnejaý dynç almagy, sport, döredijilik bilen meşgullanmagy üçin ähli mümkinçilikleriň üpjün edilmegi ýurdumyzda adam hakyndaky aladanyň ileri tutulýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Bu şäheriň türkmen tebigatynyň iň gözel ýerleriniň birinde – Köpetdagyň eteginde bina edilmegi hem tebigat bilen ynsanyň arabaglanyşygynyň ähmiýetini görkezýär. Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkezi Türkmenistandaky ilkinji «akylly» şäher bolar. Bu ýerde tebigy gözelligi saklap galmak maksady bilen «ýaşyl» tehnologiýalar giňden ulanylýar. Sanly tehnologiýalar, intellektual ulgamlar ornaşdyrylyp, «akylly» şäher konsepsiýasy durmuşa geçiriler. Şäherde ekologik taýdan arassa ulaglaryň hereketi ýola goýlar. Elektrobuslar, elektromobiller hereket eder. Awtoulaglary goýmak üçin niýetlenen «akylly» awtoduralgalar peýda bolar. Gün we ýel batareýalary, yşyklandyryş ulgamy döwrüň iň ýokary ýaşaýyş medeniýetini üpjün etmäge hyzmat eder.

Ýurdumyzyň gurluşyk senagatynyň täzeçil usullaryny özünde jemleýän welaýatyň täze, döwrebap edara ediş merkezi ähli görkezijiler babatda nusgalykdyr. Ahal welaýatynda açyljak bu döwrebap merkeziň gysga wagtda gurulmagy, şonuň bilen birlikde, gurluşyk ulgamynda ylmyň soňky gazananlaryny özünde jemlemegi taryhy wakadyr. Hususan-da, welaýat merkezinde suwaryş hem-de ýagyn suwlary toplanyp, olary arassalamak arkaly gaýtadan ulanmak, binalarda gurnalan liftleri merkezleşdirilen görnüşde dolandyrmak, merkeziň içindäki ýollaryň ýanýodalarynda görşi pes adamlar üçin taktil görnüşli ýodalar hem-de welosiped sürüjiler üçin ýörite ýodalar göz öňünde tutulýar.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy we taýsyz tagallalary bilen sebitde iň iri taslamalaryň biri bolan Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkeziniň taslamasyny amala aşyrmak boýunça onuň birinji tapgyrynda 336 sany binanyň we desganyň, şol sanda ähli amatlyklary özünde jemleýän ýaşaýyş jaýlarynyň, dünýäniň iň kämil enjamlary bilen üpjün ediljek çagalar sagaldyş-dikeldiş merkeziniň, hassahanalaryň, orta mekdepleriň, çagalar baglarynyň, edara binalarynyň, inženerçilik ulgamlarynyň we beýleki möhüm ähmiýetli desgalaryň gurluşygy alnyp barylýar.

Ahalyň täze merkezi, hakykatdan-da, tutuş Merkezi Aziýada we sebitde ilkinji bina edilen «akylly» şäherleriň biri bolar. Ol ekologik taýdan arassa sebitde ýerleşip, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny bütin dünýä äşgär edýän, iň häzirki zaman «akylly» şäheriň ajaýyp nusgasy bolup durýar. Bu ýerde «akylly» şäherlerde talap edilýän howpsuzlyk, «ýaşyl» şäher, «akylly» ulag ulgamy, «akylly» gaz, suw we elektrik ulgamlarynyň hem-de «akylly» şäher hyzmatlarynyň göz öňünde tutulandygyny aýratyn bellemek buýsançlydyr.

**Gambarguly ÝALKAMYŞOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň uly mugallymy.*

# Sport üstünlikleriniň ösüşli menzilleri

*Häzirki wagtda ýurdumyzda sportuň we bedenterbiýäniň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan sport taglymaty Arkadagly Serdarymyz tarapyndan mynasyp dowam etdirilýär. Şonuň netijesinde türkmen sporty belent badalgaly ösüşlere ýaran bolýar.*

Halkymyzyň, şol sanda, ýaşlarymyzyň bedenlerini berkitmegi, ruhy taýdan kämilleşmegi üçin ýurdumyzda döredilýän giň mümkinçilikler öz ajaýyp netijeleri berýär. Halkara, sebitara sport ýaryşlarynda türkmen türgenleriniň gazanýan ýeňişleriniň barha artýandygy ýurdumyzda sporta döwlet derejesinde aýratyn ähmiýet berilýändigine şaýatlyk edýär. Buýsandyryjy üstünlikleri bilen watandaşlarymyzyň guwanjyna eýe bolýan türgenlerimiz halkara ýaryşlarynda gazanan medallarynyň sanyny «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda 360-dan hem geçirdiler.

Türkmen türgenleriniň bütindünýä olimpiýa hereketine gatnaşýanlarynyň sanynyň ýyl-ýyldan köpelmegi gadymy türkmen topragynda ukyply, gaýratly, maksada okgunly ýaşlaryň terbiýelenip ýetişdirilýändigine, ýurdumyzyň alyp barýan dostdoganlyk, asudalyk syýasatynyň dünýä ýüzünde has-da dabaralanýandygyna doly şaýatlyk edýär.

Soňky döwürlerde türkmen türgenleri gatnaşýan ähli iri sport ýaryşlaryndan medally dolanýarlar. Türkmen agyr atletikaçylary Türkiýäniň Ankara şäherinde geçirilen Naim Süleýmanoglunyň ýadygärligine bagyşlanan halkara ýaryşda şowly çykyş etdiler. Türkmenistanly türgenler taýboks boýunça Türkiýede geçirilen «Antalýanyň kubogy – 2022» halkara ýaryşynda medallaryň bäşisine mynasyp boldular. Ýaryş Taýboks boýunça halkara federasiýanyň (IFMA) guramagynda 23–27-nji noýabr aralygynda geçirildi.

Şeýle hem ýaňy-ýakynda türkmenistanly Rejepbaý Rejepow Bogotada (Kolumbiýa) geçi-



rilen agyr atletika boýunça dünýä çempionatynda 81 kilograma çenli agram derejesinde çykyş edip, kümüş medala mynasyp boldy.

Türkmenistanyň sambo boýunça ýygyndy topary şu ýylyň 11–13-nji noýabry aralygynda Gyrgyzystanyň paýtagty Bişkek şäherinde geçirilen Sambo boýunça dünýä çempionatynda üstünlikli çykyş etdi. Dünýäniň 50 ýurdundan iň gowy samboçylaryň gatnaşan ýaryşlarynda türkmen türgenleri 1 altyn, 1 kümüş we 4 bürünç medala mynasyp boldular.

Bu ugurda ýurdumyzyň gazanan üstünligini halkara sport jemgyýetçiligi hem ykrar etdi. Ony Halkara sambo federasiýasynyň Baş sekretary Roberto Ferrarisiň Türkmenistanyň Milli Olimpiýa komitetiniň Prezidenti, Türkmenistanyň at gazanan tälimçisi, Prezident Serdar Berdimuhamedowyň adyna iberen haty hem aýdyňlygy bilen şaýatlyk edýär.

Umuman, türkmen türgenleriniň iri halkara ýaryşlaryna gatnaşmagy ýurdumyzyň sportunyň dünýä ýüzünde gazanýan üstünlikleriniň hem-de hormatly Prezidentimiziň alyp barýan sport syýasatynyň aýdyň ykrarnamasydyr. Şol ýaryşlarda ildeşlerimiz dürli derejedäki sylaglara, şol sanda altyn medallara mynasyp bolýarlar.

Sport ulgamyny ösdürmäge uly möçberde maýa goýumlary gönükdirilýär, ulgamyň düzümine ylmyň täze gazananlary we öňdebaryjy tehnologiýalar ornaşdyrylýar. Diňe Diýarymyzyň şäherlerinde däl-de, eýsem, obalarda hem dünýä ölçeglerine kybap gelýän köpugurly stadionlar we sport toplumlary, ýöriteleşdirilen sport mekdepleri guruldy.

Paýtagtymyzyň bezegine we buýsanjyna öwrülen Olimpiýa şäherçesiniň bolsa sebitde deňi-taýy ýokdur. Toplumyň ähli desgalary özboluşly bezeg keşbi bilen tapawutlanýar, onuň esasy nyşany – baş meýdançanyň depesinde seleňläp görünýän bedewiň çeper–monumental keşbi Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi.

Golf-kluby, şeýle hem «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyndaky köpugurly döwrebap sport toplumlary, awtodromlar, ýaht-klublar, fitnes-merkezler we beýleki ugurdaş desgalar iň gowy dünýä nusgalary esasynda guruldy.

**Begmyrat MYRADOW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

# Ykdysadyýetimiziň girdejili pudagy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bu işleriň çäginde iri senagat toplumlary, gaz geçiriji ulgamlary döredilýär, geljegi uly bolan nebitgaz ýataklary özleşdirilýär. «Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan» transmilli gaz geçirijisiniň taslamasyny üstünlikli durmuşa geçirmek, «Galkynyş» gaz känini tapgyrlaýyn özleşdirmek, «Türkmenistan – Hytaý» gaz geçirijisiniň dördünji şahasyny gurmak boýunça alnyp barylýan işler muňa aýdyň mysaldyr.

Häzirki döwürde ata Watanymyz ähli ulgamlarda, şol sanda ýangyç-energetika toplumynda hem giň gerimli özgertmeleri üstünlikli amala aşyrýar. Şunda ykdysadyýetiň durnukly ösüşi, ýurdumyzyň mundan beýläk-de öňe gitmegi we gülläp ösmegi hem-de halkymyzyň rowaçlygynyň üpjün edilmegi üçin nebitgaz senagatynyň ägirt uly mümkinçiliklerini netijeli ulanmak milli strategiýanyň möhüm ugry bolup durýar.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň» tassyklanylmagy ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşiň täze sepgitlerine tarap yzygiderli öňe gitmegine gönükdirilen maksatlara ýetmegiň ýolunda ädilen ähmiýetli ädim boldy.



Döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine girişmegi mynasybetli dabaradaky çykyşynda ösüşiň täze döwründe öz öňümizde has belent maksatlary goýandygymyzy belläp, biziň esasy maksadymyzyň mähriban Watanymyzyň asudalygyny we howpsuzlygyny, durmuş-ykdysady taýdan ösüşini, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini mundan beýläk-de ýokarlandyrmakdan, bütin dünýäde parahatçylygy hem-de özara ynanyşmagy berkitmegi üpjün etmekden ybaratdygyny nygtady.

Şeýle hem nebitgaz pudagynyň ösdürilmegine we onuň halkara energetika ulgamyna goşulyşmagyna gönükdirilen syýasatyň mundan beýläk-de dowam etdiriljekdigi bellenildi.

Nebiti we tebigy gazy gaýtadan işlemekde ýöriteleşdirilen döwrebap toplumlaryň gurulmagy, «Barsagelmez», «Goturdepe», «Demirgazyk Goturdepe», «Nebitdag», «Altyguýy», «Uzynada», «Günorta Uzynada», «Keýmir», «Akpatlawuk» ýaly täze geljegi uly känleriň, şol sanda Hazar deňziniň türkmen böleginiň we «Galkynyş» käniniň sanly tehnologiýalaryň, döwrebap enjamlaryňdyr programma üpjünçiliginiň ulanylmagynyň hasabyna senagat taýdan özleşdirilmegi bellenilen meýilnamalaryň üstünlikli ýerine ýetirilmegine ýardam berer.

**Muhammet AHMEDOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

# ŞWEÝSARIÝANYŇ PARLAMENTI TÄZE PREZIDENT SAÝLADY

**Şweýsariýanyň parlamenti Sosial-demokratik partiýanyň agzasy we döwletiň öňki lideri Alen Berseni 2023-nji ýyl üçin ýurduň täze Prezidenti wezipesine saýlady. Berse Prezidentiň ygtyýarlyklaryny 12 aýyň dowamynda ýerine ýetirer. Ol 2023-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan wezipesini ýerine ýetirmäge girişer.**



**Bellenilişi ýaly, ses berişlik federal ýygnagyň web sahypasynda onlaýn ýagdaýda geçirildi. Berse 140 deputatyň we senatoryň goldawyna eýe boldy. Şol bir wagtyň özünde, bu wezipä saýlanmak üçin 91 ses zerur hasap edildi.**

**Berse häzirki Prezident Inýasio Kassisiň ornuna geçer. Syýasatçy dört ýyl ozal Prezidentiň wezipesini ýerine ýetiripdi. Şweýsariýada döwlet lideri parlamentde ses bermek arkaly saýlanýar. Kanuna görä, Prezident bir ýyldan köp işlemeýär. Mundan başga-da, Şweýsariýanyň raýatlygy bolmaly we Kabinetde araçy hökmünde çykyş etmeli.**

**Alen Berse 1972-nji ýylyň 9-njy aprelinde Şweýsariýanyň Fribur şäherinde dünýä indi. Ykdysady ylymlaryň doktory we politologiýa boýunça magistr diýen alymlyk derejeleri bar. Şweýsariýaly syýasatçy Sosial-demokratik partiýanyň agzasydyr. Ol 2012-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan Şweýsariýanyň Federal Geňeşiniň agzasy we içeri işler ministri, 2018-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan 31-nji dekabry aralygynda Şweýsariýanyň Prezidenti wezipesinde işledi. Ol 2022-nji ýyl üçin Şweýsariýanyň wise-prezidenti wezipesine saýlandy. Ondan öň bu wezipäni 2017-nji ýylda ýerine ýetiripdi.**

## BIODÜRLÜLIK boýunça maslahat geçirilýär

«Dünýä jemgyýeti tebigat bilen parahatçylykly şertnama baglaşmaly». Bu barada BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş Kanadanyň Monreal şäherinde geçirilýän BMG-niň Biodürlülik boýunça maslahatynda eden çykyşynda belledi. Tebigat bilen bagly dörän ýagdaýlar adamzat üçin iş orunlarynyň ýitmegine, açlyga, kesellere we ölüme sebäp bolýar.

Guterriş bu maslahatda 2020-nji ýyldan soňky döwürde global biodürlülik boýunça çarçuwaly maksatnamanyň kabul edilmelidigini aýtdy.

– Bize tebigy baýlyklarymyzy gorap saklaýan we planetamyzy dikeldiş ýoluna atarjak ägirt uly milli meýilnamalary işläp düzmek gerek. Biz tebigaty goramagy öz iş meýilnamalarymyzda birinji orunda goýmaly we üpjünçilik zynjyrlarynda, esasan, önümçilik tejribesine maýa goýmaly hem-de howanyň üýtgemegine garşy göreşde möhüm ädim ätmeli. Biodürlülik durmuşymyzyň, eklenjimiziň we medeniýetimiziň sütünidir. Ýöne durmuşyň dürlüligini görlüp-eşidilmedik derejede ýitirýäris. Bu ýitginiň öňüni almak üçin dünýämizi üýtgetmeli – diýip, BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş aýtdy.

BMG-niň Biodürlülik boýunça konferensiýasy 196 döwlet tarapyndan tassyklanan Konwensiýasynyň durmuşa geçirilmeginiň meselelerine bagyşlanýar.



Ýewropanyň daşky gurşaw boýunça komissary Wirginiýus Sinkýawiçýus Ýewropanyň global şertnama zerurlygynyň bardygyny aýtdy.

– Biziň şeýle şertnama hakykatdan hem zerurlygymyz bar. Biz 2030-njy ýyla çenli amala aşyrylmaly maksatnamalar barada gepleşik geçirýäris. Bu temperaturanyň ýokarlanmagyny 1,5 derejede saklamaga we gury ýeriň we deňziň azyndan 30%-ini goramaga deňdir. Emma bu hem ýeterlik däl. Has dogrusy, biz 2030-njy ýyla çenli tebigaty dikeltmek işleriniň, azyndan, 20%-iniň ýaýbaňlandyrylmagyny üpjün etmeli – diýip, daşky gurşaw boýunça Ýewropa komissary Wirginiýus Sinkýawiçýus aýtdy.

7-nji dekabrda öz işine başlan maslahat 19-njy dekabra çenli dowam eder.

## Wekiller palatasynyň täze başlygy

ABŞ-nyň Nýu-Ýork ştatynyň wekili Hakim Jeffris ABŞ-nyň Kongresiniň Wekiller palatasynda Demokratik partiýanyň fraksiýasynyň başlyklygyna saýlanyp, 82 ýaşly Nensi Pelosiniň ornuna geçdi. Partiýanyň içindäki ses berişlik netijesinde demokratlar 52 ýaşly Jeffrisi fraksiýanyň başlygy wezipesine saýladylar. Şeýlelikde, Jeffris ABŞ-nyň Kongresiniň palatalarynyň birinde partiýa fraksiýasynyň başlygy wezipesine saýlanan ilkinji garaýagyz boldy. Ol täze ýyldan başlap, golaýda geçirilen aralyk saýlawlarda ABŞ-nyň kanun çykaryjy palatasynda köplügini ýitiren demokratlaryň başlygy wezipesine girişer.



Nensi Pelosi demokratlaryň lideri hökmünde gaýtadan saýlanmak islemeýändigini, ýöne Kongresiň aşaky palatasynda işlemegini dowam etdirjekdigini aýdyp, Jeffrisiň saýlanmagynyň partiýa «energiýa, täze pikirleri we perspektiwalary» berjekdigini aýtdy.

2007-nji ýylda Nensi Pelosi Kongresiň aşaky palatasynyň başlygy bolup, şol döwürde demokratlar aşaky palatada köplük gazanypdylar. 2011-nji ýylda demokratlar köplügini ýitirenden soň, azlyk toparlaryň ýolbaşçysy wezipesine geçdi. 2019-njy ýylda respublikanlar aşaky palata gözegçiligini ýitirenden soň, spiker wezipesine gaýdyp geldi. Nensi Pelosi 1987-nji ýyldan bäri Kongresde işleýär.

Jeffris 2013-nji ýyldan bäri Kongresiň Wekiller Palatasynda Nýu-Ýorkuň 8-nji saýlaw okrugyna wekilçilik edýär. Ol 2019-njy ýyldan bäri aşaky palatada demokratlaryň fraksiýasynda partiýanyň içki mejlisine başlyklyk etdi.

8-nji noýabrda geçirilen aralyk saýlawlaryň netijesinde demokratlar Wekiller palatasynda köplügini ýitirdi, oňa gözegçilik Respublikan partiýasynyň ygtyýaryna geçdi. Şunuň bilen baglylykda, Kongresiň aşaky palatasynyň indiki spikeri respublikan bolar. Garaşylyşy ýaly, bu wezipäni ýakyn wagtda Wekiller palatasynda respublikan azlygyň lideri bolup işleýän Kewin Makkarti eýelär.

# WODOROD GAZ GEÇIRIJI TASLAMASY BARADA YLALAŞDYLAR

Ýewropa Bileleşigi, Fransiýa, Ispaniýa we Portugaliýa Pireneý ýarym adasyndan Fransiýa «H2Med» atly suwasty wodorod gaz geçirijisini gurmak maksady bilen «ýol kartasy» barada ylalaşdylar. Şeýlelikde, alternatiw energiýa çeşmeleri ulanylyp, Ispaniýada we Portugaliýada öndürilen wodorod ýangyjy Ýewropa Bileleşiginiň demirgazykdaky ýurtlaryna ugradylar. Bu barada 9-njy dekabrda Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýen Ispaniýanyň, Portugaliýanyň we Fransiýanyň ýolbaşçylary bilen Alikante (Ispaniýa) şäherinde geçirilen metbugat ýygnagynda aýtdy. Ol Ýewropa Komissiýasynyň bu taslamanyň Ýewropa Bileleşigi üçin umumy



gyzyklanma döredýän taslama öwrülmegini goldaýandygyny aýtdy.

– 2030-njy ýyla çenli Ýewropa Bileleşiginde wodorod önümçiligini 10 million tonna ýetirmek we ýene 10 million tonna import etmek niýetimiz bar. Bu mukdardaky wodorod biziň senagatymyza ýeterlik bolmaly we wodorody günbatardan gündogara daşamak boýunça strategik geçelgeler ulgamyny, şol sanda, Pireneý geçelgesini döretmek niýetimiz bar. Şonuň üçin Fransiýanyň, Ispaniýanyň hem-de Portugaliýanyň arasynda «H2Med» taslamasy baradaky şertnamany makullaýarys. Ýewropa Bileleşiginiň wodorod geçelgesine öwrülmek mümkinçiligi bar, Pireneý ýarym adasy Ýewropa Bileleşiginiň esasy energiýa merkezleriniň birine öwrülip biler we Ýewropa Bileleşigi bu üstünlikli waka gatnaşar – diýip, Ursula fon der Lýaýen belledi.

Wodorod ýangyjy adaty suwdan elektroliz arkaly öndürilýär we köp energiýa talap edýär. Häzirki wagtda Ýewropa ýurtlarynyň köpüsi wodorod ulanmagy meýilleşdirýär. Wodorod himiki birleşme görnüşinde bolup, onuň köp bölegi dünýä ummanynda saklanýar. Bu element daşky gurşawy goramakda aýratyn ähmiýete eýe bolup, transport serişdelerinde dizeliň, ýyladyş üçin tebigy gazyň hem-de metallurgiýa zawodlarynda ulanylýan kömrüň ýerini tutýar. Mundan öň Ýewropa Komissiýasy wodorod akdyrmak üçin Ýewropa Bileleşiginde bar bolan gaz geçirijilerini täzeden gurmak başlangyjy bilen çykyş edipdi, ýöne bu taslamalar howpsuz işlemegi üpjün etmek üçin ägirt uly maýa goýumlaryny talap edýär.

## WÝETNAMYŇ ILATY 100 milliona ýeter

**2023-nji ýylda Wýetnamda ýurduň 100 millionynjy raýatynyň dünýä inmegine garaşylýar. Bu barada ýurduň habar beriş serişdeleri mälim etdi.**

**Şu günki günde Wýetnamyň ilaty 99 million adamdan geçýär, bu hem ony ilat sany boýunça dünýäde 15-nji, Aziýa sebitinde 8-nji we Günorta-Gündogar Aziýada üçünji ýurt hökmünde öňe çykarýar diýip, «Tuoi Tre» (Ýaşlar) gazeti habar berýär.**

**Wýetnamda 25 million zenan çaga dogurmak ýaşyndadyr (15-den 49 ýaş aralygy). Bu barada «Nguoi Lao Dong» (Işçiler) gazetiniň habarynda bellenilýär. 2030-njy ýyla çenli bu mukdaryň 26 milliona ýetmegine garaşylýar diýip neşir belleýär.**



**Bütindünýä bankynyň maglumatlaryna görä, Wýetnamda 2015-nji ýyldan soň garrylaryň sany artyp, 2035-nji ýyla çenli garry jemgyýeti köp bolan ýurda öwrüler.**

## ÝYLYŇ IŇ TÄSIRLI ZENANLARY

Amerikaly aýdymçy, «nesliň owazy» adyna eýe bolan Billi Aýliş, britan şazadasy Garriniň ýanýoldaşy Megan Markl, şeýle hem sport karýerasyny tamamlan tennisçi Serena Wilýams «Financial Times» gazetinde çap edilen ýylyň 25 abraýly zenanynyň sanawyna girizildi.



Şeýle-de, sanawa ABŞ-nyň Ýokary kazyýetiniň kazysy, bu wezipede afroamerikan gelip çykyşly ilkinji zenan Ketanji Braun Jekson, «Yves Saint Laurent» modalar öýüniň direktory Françeska Bellettini, «Citigroup» bankynyň ýolbaşçysy Jeýn Freýzer, Finlýandiýanyň Premýer-ministri Sanna Marin, Kolumbiýanyň wise-prezidenti Fransiýa Markes we Pakistanyň howanyň üýtgemegi meseleleri boýunça ministri Şerri Rehman dagy hem girdiler.

Mundan başga-da, sanawda Barbadosyň Premýer-ministri Mia Mottli, Britaniýanyň «Aviva» ätiýaçlandyryş kompaniýasynyň ýolbaşçysy Amanda Blank, «Amazon» kompaniýasynyň esaslandyryjysy Jeff Bezosyň öňki ýanýoldaşy filantrop Makkenzi Skott, Angliýanyň futbol boýunça zenanlar ýygyndysynyň baş tälimçisi, topar bilen Ýewropanyň çempionatynda ýeňiji bolan Sarina Wigman, «Hemme zat hemme ýerde we birbada» (Everything Everywhere All at Once) filminde baş keşbi ýerine ýetiren malaýziýaly aktrisa Mişel Ýeo, edebiýat boýunça Nobel baýragynyň eýesi fransuz zenany Anni Erno dagy hem görkezildi.

Şeýle-de, «Financial Times» has abraýly zenanlaryň hatarynda ABŞ-nyň iň iri dermanhanalar ulgamyna degişli «CVS Health» riteýleriniň ýolbaşçysy Karen Linçiň, amerikan ýazyjysy Jamie Fiore Higginsiň, zenanlaryň hukugyny gorap çykyş edýän niderlandly lukman Rebekka Gompertsiň atlaryny agzady.

Mundan başga-da, sanawa keniýaly ekologiýa boýunça hünärmen Paula Kahumbu, zimbabweli ýazyjy Sisi Dangarembga, germaniýaly suratkeş Anne Imhof we «Men gyzarýaryn» (Turning Red) animasiýa filmine režissýorlyk eden asly hytaýly kanadaly režissýor Domi Şi girizildi.

# FAO: AZYK ÖNÜMLERINIŇ BAHASY DURNUKLY

**Dünýäniň azyk önümleriniň bahasynyň üýtgemeginiň görkezijisi noýabr aýynda durnuklylygyna galdy. Şunuň bilen birlikde galla, et we süýt önümleriniň dünýä bahalary arzanlady. Guramanyň azyk bahasy boýunça indeksine görä, häzir azyk önümleriniň bahasy 2021-nji ýylyň noýabr aýy bilen deňeşdirilende, bary-ýogy 0,3% ýokary bolup, 135,7 baldan ybarat. Bu bolsa, oktýabr aýy bilen deňeşdirilende, birneme pes.**




**FAO-nyň maglumatlaryna görä, galla önümleriniň bahasynyň indeksi oktýabr aýy bilen deňeşdirilende 1,3% peseldi, ýöne bir ýyl ozalkydan 6,3% ýokarlandy. Bugdaý we mekgejöweniň dünýä bahalary noýabr aýynda degişlilikde, 2,8% we 1,7% arzanlady. Bellenilişi ýaly, et we süýt önümleriniň bahasynyň peselmegi ösümlik ýagynyň we şekeriň bahasynyň ýokarlanmagynyň öwezini dolýar. Noýabr aýynda ýagyň we şekeriň bahasy, degişlilikde, 2,3% we 5,2% ýokarlandy.**

**BMG-niň Azyk we oba hojalygy guramasy 2022-nji ýylda dünýäniň galla önümçiligi baradaky çaklamasyny hem peseltdi. Ol häzirki wagtda 2,756 million tonnadan ybarat bolup, 2021-nji ýyldakydan 2,0% az. Bu pese gaçyş, esasan, käbir ýurtlarda mekgejöwen önümçiliginiň peselmegi bilen baglanyşykly bolup, guramanyň wekilleriniň aýtmagyna görä, dünýäde emele gelen ýagdaýlar ekiş we hasyl ýygnamak çykdajylarynyň artmagyna sebäp boldy.**

**Mundan başga-da, FAO dünýäniň bugdaý öndürmek baradaky çaklamasyny peseltdi, ýöne muňa garamazdan, täze görkeziji bolan 781,2 million tonna rekord derejede ýokarylygyna galar. Az girdejili, azyk ýetmezçiligi bolan ýurtlar üçin däne önümçiligi 2022-nji ýylda 184,5 million tonna bolar diýlip çaklanylýar. Bu bolsa, soňky bäş ýyldaky ortaça görkezijä laýyk gelýär. FAO-nyň wekilleriniň belleýşi ýaly, galla importyna bolan umumy isleg 63,7 million tonna barabar bolup, soňky bäş ýylda ortaça 7% ýokarydyr.**

## DÜNÝÄ HABARLARY

### gysga setirlerde

► **Perunyň ilkinji zenan Prezidenti.** Dina Boluarte 7-nji dekabrda Perunyň Prezidenti wezipesine girişip, kasam kabul etdi. Bu ozalky Prezident Pedro Kastilo işinden çekilenden soň bolup geçdi. 33 milliondan gowrak ilaty bolan Peru Respublikasy Günorta Amerikadaky ýurtlaryň biridir. Peru Günorta Amerikada üçünji uly ýurtdur.



► **Demokrat Wornok ýeňiş gazandy.** ABŞ-nyň Kongresiniň Ýokarky palatasyna geçirilen saýlawlarda demokrat-senator Rafael Wornok ýeňiş gazandy. Wornok sesleriň 96%-i sanalandan soň saýlawçylaryň 50,8%-iniň goldawyna eýe boldy. Respublikan partiýanyň wekili bolan bäsdeşi Herşel Wolker bolsa, 49% sese eýe boldy.



► **Şengen sebitine goşular.** Ýewropa Bileleşigi ýurtlary Horwatiýany Şengen zolagyna goşmak barada ylalaşdylar. Bu barada ýurduň Premýer-ministri Andreý Plenkowiç habar berdi. Ýurt 1-nji ýanwardan Şengen şertnamasynyň agzasy bolar. Häzirki wagtda Şengen zolagy 26 döwleti öz içine alýar.



► **Gatnaşyklaryň täze döwri.** Hytaýyň Başlygy Si Szinpin Hytaý bilen Saud Arabystanynyň arasyndaky gatnaşyklaryň täze döwrüniň başlandygyny mälim etdi. Hytaý wekiliýeti Er-Riýadda, takmynan, 30 milliard dollarlyk dürli ugurlar boýunça onlarça hyzmatdaşlyk şertnamalaryny we ylalaşyklaryny baglaşdylar.



► **Nobel baýraklary gowşuryldy.** 10-njy dekabrda Stokgolmda we Osloda Nobel baýraklarynyň gowşuryluş dabaralary geçirildi. Şwesiýanyň Koroly Karl XVI Gustaw Stokgolm filarmoniýasynda 2022-nji ýylyň 11 sany Nobel baýragynyň eýelerine hormatly diplomlar we altyn medallar gowşurdy. Parahatçylyk baýragy Osloda gowşuryldy.



► **«Bentley» täze atyr çykardy.** «Bentley» kompaniýasy «Momentun Unbreakable» atly atyryny hödürledi. Onuň hoşboý ysy Şweýsariýanyň we Ispaniýanyň parfýumerçileri, çüýşesi bolsa «Bentley»-iň dizaýnerleri tarapyndan işlenip taýýarlanypdyr. Hoşboý ysly atyry 69,5 funta (85 dollar töwerek) satyn alyp bolýar.




► **Dünýäniň iň gymmat şäherleri.** Nýu-Ýork we Singapur 2022-nji ýylyň netijelerine görä, dünýäniň iň gymmat şäherlerine öwrüldi. Bu barada «Economist Intelligence Unit» kompaniýasy tarapyndan geçirilen barlagda aýdylýar. Ikinji ýerde Tel-Awiw, üçünji ýerde Gonkong bar.



► **Ilaty 36 milliondan geçdi.** Özbegistanyň statistika boýunça komitetiniň metbugat gullugynyň deslapky maglumatlaryna görä, 9-njy dekabrda ýurduň ilaty 36 milliondan geçdi. Erkekleriň sany 18,1 million, zenanlaryň sany 17,9 million diýlip çaklanylýar. Şu ýylyň başynda ilatyň sanynyň 35,271 milliondan gowrakdygy mälim edilipdi.




## TARYHDA ŞU GÜN

**1868-nji ýylyň 16-njy dekabrynda Lew Tolstoýyň «Uruş we parahatçylyk» romanynyň ilkinji neşiri çap edilýär. Eserde rus halkynyň 1812-nji ýylyň Watançylyk urşundaky taryhy wakalary beýan edilýär. Romanda 550-den gowrak gahryman bar. Tolstoý iň gowy gahrymanlaryny ähli ruhy çylşyrymlylygy, hakykaty üznüksiz gözlemek bilen beýan edýär.**





Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# TANS SUNGATYNYŇ MILLI NUSGALARY

**Tans sazlaşykly beden hereketleri bilen medeniýeti we ruhy ahwalaty janlandyrýan gymmatly sungat eseridir. Tans asyrlarboýy dünýä medeniýetiniň aýrylmaz bir bölegi bolup gelýär. Her bir halk öz däp-dessurlaryny, halk döredijiligini suratlandyrýan milli hem-de döwrebap tanslary bilen tanalýar. Her ýylyň 29-njy aprelinde dünýäde Halkara tans güni uludan bellenip geçilýär. Biz hem gazetimiziň şu sanynda tans sungatynyň milli nusgalary baradaky maglumatlary size ýetirmegi makul bildik.**



**Küştdepdi.** Türkmen halk döredijiliginiň žanry esasynda oglan we gyzlaryň arasynda halkalaýyn ýerine ýetirilýän küştdepdi tansy türkmen medeniýetiniň aýrylmaz bir bölegidir. Gadym döwürlerden gözbaş alýan tansyň bu görnüşi häzirki wagtda toý-baýramlaryň bezegine öwrüldi. Küştdepdi aýdymly, sazly ýerine ýetirilýän utgaşykly hereketli milli tans görnüşidir. 2017-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi bilen küştdepdiniň meşhurlygy has-da artdy.



**Samba, Braziliýa.** «Semba» (tansa çakylyk) sözünden gelip çykan samba milli tansy 1950-nji ýyllarda afrikalylaryň ýerli medeniýetini Braziliýa getirmegi bilen ýüze çykýar. Soňlugy bilen brazil medeniýetine ornaşan tans sungatynyň bu görnüşi bütin dünýäde meşhurlyga eýe bolýar. Sambaçylar adatça reňkli egin-eşikleri hem-de kellesindäki ullakan jygasy (guş ýelekleri) bilen tanalýar. Samba tansy Rio-de-Žaneýroda geçirilýän dabaralaryň we festiwallaryň bezegidir.



**Salsa, Kuba.** Tansyň bu görnüşiniň ispan we afrika medeniýetiniň birleşmeginden dörändigi çaklanylýar. Salsa 1950-nji ýyllarda milli tans görnüşi hökmünde Nýu-Ýork şäherine ornaşan hem bolsa, asyl nusgasyny Karib deňzindäki ýurtlarda görmek bolýar. Salsa jübütleýin ýerine ýetirilip, utgaşykly beden hereketleri tansyň özenini düzýär. Bu tans Argentinanyň meşhur tansy bolan tango hem meňzeşdir.



**Hip-hop, ABŞ.** Açyk meýdanda ýerine ýetirilýän tanslaryň iň meşhurlarynyň biri bolan hip-hop amerikan medeniýetiniň aýrylmaz bir bölegidir. 1970-nji ýyllarda Nýu-Ýorkuň we Kaliforniýanyň köçelerinde ýerine ýetirilip başlanan tansyň bu görnüşi häzirki wagtda bütin dünýäde tanalýar. Çalt hereketde ýerine ýetirilýän hip-hopdaky el ýa-da kelle aýlawlary tomaşaçylaryň höwesini artdyrýar.



**Step tansy, Irlandiýa.** «Ädim tansy» diýmegi aňladýan bu tans ilkibaşda keltler (gadymy taýpa) tarapyndan oýnalyp, 1990-njy ýyllarda ilkinji gezek teatrda ýerine ýetirilýär. Şondan soňra bu tansyň köpçülikleýin meşhurlygy artyp, bütin dünýäde tanalyp başlanýar. Batly aýak zarbalary, çalt we çylşyrymly aýak hereketleri bu tansyň özboluşlylygyny düzýär.



**Flamenko, Ispaniýa.** Ispan medeniýetinde özüne çekiji däpleriň biri hem flamenko tansydyr. Tans sungatynyň bu görnüşi aýak hereketlerini, aýdym aýtmagy, el çarpmagy hem-de gitara çalmagy öz içine alýar. Zenan tansçynyň gyzyl reňkli köýnegi bu tansyň esasy aýratynlygydyr. Häzirki wagtda flamenko bütin dünýäde ýerine ýetirilýär.



**Waltz, Awstriýa.** Tansyň ady nemesçe «walzer» sözünden gelip çykyp, «togalanmak, aýlanmak» diýen manyny berýär. Nemes medeniýetinden gözbaş alýan waltz Awstriýada toý dabaralarynda ýerine ýetirilýän iň gadymy tanslaryň biridir. Tansyň bu görnüşi walsa gaty meňzeş bolup, çalt hereketliligi bilen tapawutlanýar.



**Bharatnatýam, Hindistan.** Hindi nusgawy tans görnüşleriniň iň gadymysy hasaplanýan bharatnatýam 1930-njy ýyllardan başlap köpçülige ýaýrap başlaýar. Aýal-gyzlar tarapyndan ýerine ýetirilýän tansyň bu görnüşi sazlaşykly el we aýak hereketleri, dilden aýdylýan hekaýasy bilen hindi medeniýetini janlandyrýar. Bharatnatýam dünýä medeniýetinde nepis tanslaryň biri hökmünde kabul edilýär.



**Dragon tansy, Hytaý.** Hytaý medeniýetinde aždarha güýç, baýlyk we şowlulyk nyşanydyr. Matadan tikilen ullakan aždarhanyň aşagynda bukulyp ýerine ýetirilýän bu tans abadançylygyň nyşany hökmünde ýerine ýetirilýär. Tolkun ýaly aýlawly hereketler, birden aşak peselip, ýokary göterilmek tansa özboluşlylyk berýär. Aždarha tansy deprekleriň ritmi bilen utgaşykly ýerine ýetirilýär.



**Balet, Russiýa.** Balerina tarapyndan sahnada ýerine ýetirilýän balet tansy 1800-nji ýyllardan gözbaş alýar. Ýumşak aýakgaply oýnalýan tansyň bu görnüşi romantik häsiýetliligi bilen tapawutlanýar. Balet jübütleýin we aýal-gyzlar tarapyndan ýerine ýetirilýän aýlawly hereketleri bilen tanalýan nusgawy tanslaryň biridir.



**Lazgi, Özbegistan.** Ilkibaşda Horezmde dörän lazgi tansy soňlugy bilen Özbegistanyň ähli sebitine ýaýraýar. Häzirki wagtda türki halklaryň arasynda meşhur bolan lazgi özbek medeniýetiniň aýrylmaz bölegi hasaplanýar. Şirin owazly sazda özboluşly hereketler bilen ýerine ýetirilýän bu tans köpçüligiň ünsüni özüne çekýär.

# DÜNÝÄNIŇ IŇ SOWUK ŞÄHERI



Antarktida iň sowuk yklym bolsa-da, Ýer togalagynyň iň sowuk ýaşaýyş merkezleriniň biri Saha Respublikasynyň paýtagty Ýakutsk (Russiýa Federasiýasy) hasaplanýar. Ýakutsk Uzak Gündogarda – Lena derýasynyň çep kenarynda, Tuýmaada jülgesinde ýerleşýän iň sowuk şäherleriň biri bolup, tomsuna «ak gijeleri», gyşyna bolsa 3-4 sagatlyk Gün şöhlesiniň ýalkym saçmagy bilen tapawutlanýar. 122 inedördül kilometr meýdany bolan sowuk şäheriň 336 müň töweregi ilaty bolup, esasan, dag-magdan käni bilen meşgullanýarlar. Ýakutsk şäheriniň howa guşaklygy kontinental bolup, ýylylyk derejesi –60-a çenli peselýär. Şäheriň sowuk derejede saklanmagynyň esasy sebäbi gardan emele gelen Sibir belentlikleriniň Gün şöhlesini yzyna serpikdirmegi bilen düşündirilýär. Bu şäherde hatda iýun aýynda hem gar ýagýar. Şeýle-de bolsa Ýakutsk ykdysady taýdan ösen şäherleriň biri hasaplanýar. Şäherde trolleýbus ýa-da tramwaý ýok, diňe awtobus hem-de mikroawtobuslar jemgyýetçilik gatnawyny amala aşyrýar. Ýakutsk ýurduň beýleki bölekleri bilen demir ýol baglanyşygy bolmadyk Russiýanyň iň uly şäheridir. Şäherde aeroport bar, ýöne aşa sowuk sebäpli ýylyň köp böleginde uçuşlar ýatyrylýar. Sowuk şäheriň esasy ulag serişdesi suguna goşulan araba bolup, ýerli ýaşaýjylar hojalyk işlerinde ulagyň bu görnüşinden peýdalanýarlar. XIX asyrlarda Ýakutsk altyn ýataklary we göwher känleri bilen tanalypdyr. Bu ýerde geologik gözlegler üçin gazylan 116 metrlik Şergin käni hem bar. Şäherde mamontlaryň özboluşly muzeýi bolup, gadymy haýwanlaryň doňup galan şekilini görüp bolýar. Mundan başga-da, şäherde «Kruzhalo» söwda meýdançasy, sirkler, teatrlar hem-de ýadygärlik toplumlary bar.



## ÇAGALAR

✓ 1929-njy ýyldan başlap Gün şöhlesini yzyna serpikdirýän, lukmançylyk taýdan tassyklanan ýalpyldamaýan gündelik äýnekler öndürilip başlanýar.



# ITLI LYŽA – GYŞKY GÜÝMENJELER

**Adamzat ýaşaýşynda irki döwürlerden bäri dürli ugurlarda itiň hyzmatyndan peýdalanylyp gelinýär. Itiň käbir görnüşi ýiten zady tapmakda, gorag maksady bilen saklanýan bolsa, käbiri ýük daşamakda, halas ediş işlerinde adamlara ýakyndan kömek edýär. Sowuk howaly şertlerde ulag serişdeleriniň hereket etmeýän ýa-da barmaýan ýerlerinde lyža çekip barýan itler baradaky täzelikleri, kinofilmleri hem gören bolsaňyz gerek. Eýsem, itleriň islendik görnüşi lyža çekip bilýärmi, olar sowukda nädip hereket edýär?! Geliň, itli lyža hem-de tirkeg çekýän itler baradaky gyzykly maglumatlary öwreneliň!**

Itli lyža buzuň ýa-da garyň üstünde dolandyryjynyň buýrugy esasynda itleriň tirkegi çekmegi arkaly amala aşyrylýar. Dünýäniň demirgazyk sebitiniň ýaşaýjylary ulag serişdesiniň bu görnüşine güýz hem-de gyş möwsüminde bil baglaýarlar. Olaryň kömegi bilen iýmit üpjünçiligi, poçta we derman serişdeleri daşalýar. Sagatda 32-40 kilometr tizlik bilen hereket edýän tirkegi geçilmeli ýoluň uzynlygyna, eltilmeli ýüküň agramyna baglylykda 4-20 töweregi it çekýär. Ýük çekijiler jübütleýin düzülip, käbirinde tirkegiň öňüni çekýän ýolbelet hem bolýar.

### Lyžaly syýahat we tirkegli ýaryşlar

Köp ýurtda dynç alyş maksady bilen geçirilýän gyşky sport görnüşleri bilen bir hatarda, itli lyža hem syýahatçylaryň ünsüni özüne çekýär. Ýewropa ýurtlarynda giňden ýaýran itli lyžalar, esasan, syýahatçylyk maksady bilen ulanylýar. Gyşyna Ýewropa



gelýän jahankeşdeler 2-6 sany itiň çekýän ulagy arkaly dag tebigatyny, buzluklary synlamaga mümkinçilik alýarlar. Mundan başga-da, dünýäniň sowuk sebitlerinde (Kanada, Alýaska, Grenlandiýa, Norwegiýa, Russiýa) itli lyža ýaryşlary hem guralýar. Her ýyl dünýäniň dürli künjeginden gelenler Alýaskada geçirilýän «Iditarod Trail Sled Dog» ýaryşyna gatnaşýarlar. Dünýäniň iň meşhur it ýaryşlarynyň biri bolan «Iditarod Trail Sled Dog» 15 günüň dowamynda 5 pellehananyň aralygynda geçirilýär. Ýaryşa gatnaşýan tirkegli toparlar 12-14 itden düzülýär.

### Tirkeg çekýän demirgazykly itler

Tirkeg çekýän tohum itler müňlerçe ýyl ozal demirgazykly ýerli ýaşaýjylar tarapyndan seçilip alnypdyr. Itler ilkibaşda ululygyna, güýjüne we çydamlylygyna görä saýlanan hem bolsa, häzirki wagtda bäsdeşlik esasynda tizligine görä saýlanýar. Bu, esasan hem, itli ýaryşlara degişlidir.



It tirkeginde iň köp ulanylýan it Alýaska haskisidir. Itiň bu tohumyny Alýaskanyň ýerli ýaşaýjylary bolan inuitler irki döwürden bäri peýdalanýarlar. Adatça agramy 18-34 kilograma ýetýän itiň bu görnüşi dykyz hem-de ýumşak sütügi bilen tapawutlanýar. Alýaskanyň ýaşaýjylarynyň ösdürip ýetişdirýän galyň sütükli, güýçli aýakly hem-de ýük çekmäge ukyply itiniň ýene bir tohumy Alýaska malamuty hasaplanýar. Agramy 36-55 kilogram töweregi bolýan malamut ýük çekijiligi bilen tapawutlanyp, ekspedisiýalarda hem-de gözleg-barlag işlerinde peýdalanylýar.

Kanadalylar hem malamutdan kiçiräk, ýöne ýük çekmäge çydamly itiň inuit (eskimo) tohumyny ösdürip ýetişdirýärler. Häzirki wagtda demirgazyk sebitlerde hojalyk hyzmatlarynda giňden peýdalanylýan itiň bu tohumy 45-80 kilograma çenli ýük çekip bilýär. Şeýle hem bu itler polýar awçylygynda giňden peýdalanylýar.



1900-nji ýyllarda Nýu-Hempşirde ösdürilip ýetişdirilen, seýrek duş gelýän itiň bir görnüşi hem çinukdyr. Itiň bu tohumy çeýeligi, ýadawsyz hereketliligi hem-de altynsow sütügi bilen tapawutlanýar. Tirkege goşulýan itiň ýene bir görnüşi grenland itidir. Bu itler Grenlandiýada ulag serişdesiniň hyzmatyny ýerine ýetirýärler. Şeýle hem awçylykda giňden peýdalanylýar.

Dünýäniň iň sowuk künjekleriniň biri bolan Sibiriň ýaşaýjylary malamuta meňzeş ýük çekmäge ukyply Sibir haskisini seçip alypdyrlar. Agramy 18-27 kilogram töweregi bolýan haskiler daşyndan göräýmäge möjege çalym edýär. Sibirliler tarapyndan ösdürilip ýetişdirilen demirgazyk itiniň ýene bir görnüşi hem gar ýaly sütükli samoýed itidir. Ýük çekmäge ukyply bolan bu itler hojalyk hyzmatlary bilen bir hatarda awçylykda hem peýdalanylýar.

# KIM, HAÇAN OÝLAP TAPDY?

**ÄÝNEK. Häzirki zaman dünýäsinde äýnek iň köp ýaýran harytlaryň biri bolup, esasan, gözüň saglygyny goramak maksady bilen ulanylýan hem bolsa, Gün şöhlesinden ýa-da ýagtylyk saçýan dürli enjamlardan we tozandan goranmak üçin hem dakylýar. Günden goraýan äýnekler bolsa, köplenç adama gelşik berýändigi üçin moda pudagynda hem giňden ýaýrandyr. Eýsem, adamzat taryhyndaky oýlap tapyşlaryň iň esasylarynyň biri bolan äýnegi kim, haçan oýlap tapdyka?!**



Ilkinji äýnegiň nirede oýlanyp tapylandygy barada dürlüçe pikirler bolup, esasy maglumatlarda rimlileriň kiçi zatlary ulaldyp görkezýän tegelek aýnaly guraly ulanandyklary aýdylýar. XII asyrda hytaýly kazylaryň hem gözüni örtüp duran enjamlary peýdalanandyklary barada ýazgylar bar. Taryhy maglumatlara görä, ilkinji dakylýan äýnegi XIII asyrda italiýaly Salwino Armati oýlap tapýar. Bu äýnek ýönekeý iki sany tegelek aýna bölekden düzülip, agaçdan ýa-da haýwanyň şahyndan ýasalan çarçuwa berkidilipdir. Şeýle hem burnuň üstünde saklanýan ilgençegi ýa-da uzyn tutawajy bolupdyr. Ilkibaşda köşk emeldarlary, döwlet işgärleri tarapyndan ulanylan äýnekler, soňlugy bilen alymdyr şahyrlaryň arasyna-da ýaýrap başlaýar. 1700-nji ýyllarda äýnegiň gulaga ildirilýän bölegi oýlanyp tapylyp, oňa «elsiz äýnekler» diýlip at berilýär. Şondan soňra äýnegi el bilen saklamak zerurlygy aradan aýrylýar. Ýagny äýnegiň tutawajynyň deregine gulaga ildirilýän ilgençek oturdylýar. Birnäçe ýyldan soň londonly öndüriji Benžamin Martin tegelek linzaly, kümüş çarçuwaly äýnegi oýlap tapýar. Oýlap tapyjy oňa «Martin's Margins» adyny berýär. Häzirki wagtda iň meşhur äýnekleriň biri bolan «Martin's Margins» kolleksiýaçylaryň arzyly önümleriniň biridir. Bu oýlap tapyşdan soňra äýnegiň kämilleşdirilişi has-da çaltlaşýar. 1784-nji ýylda meşhur fizik Benžamin Franklin ýarysy ýakyny we ýarysy uzakdaky zady aýdyň görkezýän iki optikaly linzany (bifokal) oýlap tapýar. Ýagny äýnegiň tegelek aýnasynyň aşaky bölegine ýene bir tegelek ýerleşdirýär. Fransuz göz lukmany Lui de Wekker Frankliniň iki linzaly oýlap tapyşyny kämilleşdirip, bir bitewi tegelekde asyl nusgany döredýär. XVIII asyrda gaýçy ýaly ýygnalýan jübi äýnekleri has-da ýörgünli bolup başlaýar. Bu äýnegi erkek adamlar ýanynda göterip, ownuk hatlary okamaly ýerinde dakynypdyrlar. Jübi äýnegi iki jübüt linzadan düzülip, gaňyrçak şekilinde biri-biriniň içine eplenipdir. 1800-nji ýyllaryň başynda görüş bulaşyklygyny düzetmek üçin özboluşly linzalar işlenip düzülip, äýneklere oturdylyp başlanýar. Şeýlelikde, gözi ýadadýan, görşi bulaşdyrýan äýnek bilen bagly meseleler aradan aýrylýar.

1900-nji ýyllarda, esasan, äýnekleriň daşky görnüşine uly üns berilýär. Dürli şekilli, reňkli çarçuwaly agaç, plastik, metal äýnekler adamyň ýüz keşbine, gözüniň reňkine, eşigine kybap görnüşde öndürilip başlanýar. Müşderileriň ösen isleglerini kanagatlandyrýan bu äýnekler daşky görnüş – owadanlyk üçin dakylýar. 1929-njy ýyldan başlap Gün şöhlesini yzyna serpikdirýän, lukmançylyk taýdan tassyklanan ýalpyldamaýan gündelik äýnekler öndürilip başlanýar. 1980-nji ýylda döwülmeýändigi hem-de ýeňildigi bilen tapawutlanýan plastik linzalaryň oýlanyp tapylmagy bilen äýnekler döwrebap görnüşe geçýär. Häzirki wagtda döwrebap tehnologiýalar bilen ugurdaş ösdürilýän äýnekleriň ýagtylygy serpikdiriji, Gün şöhlesinden goraýan, görşi gowulandyrýan hem-de 3 ölçegli (3D) görnüşleri bar.

### Sudoku

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | 5 | 3 | 6 | | |
| | | | 4 | 5 | |
| | | 4 | | 1 | |
| 6 | | | 2 | 4 | |
| 3 | | | | | 2 |
| 2 | | 6 | | | |

### Labirint



### Binox

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | O | | | |
| X | | O | | O | O |
| X | | | X | | O |
| | O | | | | |
| O | | | | X | |
| | | | O | | |



Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# 80-nji «Altyn globus» baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi

Kino sungatynyň esasy baýraklarynyň hatarynda görkezilýän «Altyn globus» baýraklarynyň bu ýylky dalaşgärleri mälim edildi. Golliwuddaky daşary ýurtly žurnalistler guramasy tarapyndan berilýän «Altyn globus» baýraklary Oskaryň buşlukçysy hasaplanýar. 80-nji «Altyn globus» baýraklarynda iň köp ugur boýunça «Inişeriniň perisi» atly film dalaşgär görkezildi. Kolin Farrell hem-de Brendan Glisonyň baş keşplerde surata düşen we Martin MakDonahyň režissýorlyk eden filmi 8 ugur boýunça dalaşgärlige hödürlendi. «Hemme zat hemme ýerde we birbada» filmi 5, «Wawilon» hem-de «Fabelmanlar» kinolary-da 4 ugur boýunça «Altyn globus» baýragyna dalaş ederler. Drama görnüşli filmleriň arasynda iň gowy film ugry boýunça «Awatar: suwuň ugry», «Elwis», «Fabelmanlar», «Tar», «Topgan: Mawerik» ýaly filmler dalaşgär görkezildi. Iň gowy mýuzikal ýa-da komediýa ugrundan «Wawilon», «Inişeriniň perisi», «Hemme zat hemme ýerde we birbada», «Aýna sogan: pyçaklary çykarmak» hem-de «Tukatlygyň üçburçlugy» filmleri dalaşgärlige hödürlendi. Ýeňijiler 10-njy ýanwarda mälim ediler.



► **Iň gowy film (drama):** «Awatar: suwuň ugry» (Avatar: The Way of Water), «Elwis» (Elvis), «Fabelmanlar» (The Fabelmans), «Tar» (Tar), «Topgan: Mawerik» (Top Gun: Maverick)

► **Iň gowy film (mýuzikal ýa-da komediýa):** «Wawilon» (Babylon), «Inişeriniň perisi» (The Banshee of Inisherin), «Hemme zat hemme ýerde we birbada» (Everything Everywhere All at Once), «Aýna sogan: pyçaklary çykarmak» (Glass Onion: A Knives Out Mystery), «Tukatlygyň üçburçlugy» (Triangle of Sadness)

► **Iň gowy aktýor (drama):** Ostin Batler («Elwis»), Brendan Freýzer («Kit», A Whale), Hýu Jekman («Ogul», The Son), Billi Naýi («Ýaşamak», Livinig), Jeremi Poup («Barlag», The Inspection)

► **Iň gowy aktrisa (drama):** Keýt Blanşett («Tar»), Oliwiýa Kolman («Ýagtylyk imperiýasy», Empire of Light), Wiola Dewis («Zenan şa», The Woman King), Ana de Armas («Saryýagyz», Blonde), Mişell Williams («Fabelmanlar»)

► **Iň gowy aktýor (mýuzikal ýa-da komediýa):** Diego Kalwo («Wawilon»), Daniel Kreýg («Aýna sogan: pyçaklary çykarmak»), Adam Draýwer («Ak güwwüldi», White Noise), Kolin Farrell («Inişeriniň perisi»), Raýf Faýnes («Menýu», The Menu)

► **Iň gowy aktrisa (mýuzikal ýa-da komediýa):** Lesli Manwill («Hanym Herris Pariže gidýär», Mrs. Harris Goes to Paris), Margo Robbi («Wawilon»), Anýa Teýlor-Joý («Menýu»), Emma Tompson («Üstünlik saňa, Leo Grande», Good Luck to You, Leo Grande), Mişel Ýeo («Hemme zat hemme ýerde we birbada»)

► **Ikinji plandaky iň gowy aktýor:** Brendan Glison («Inişeriniň perisi»), Berri Keogan («Inişeriniň perisi»), Bred Pitt («Wawilon»), Ke Kwan Jonatan («Hemme zat hemme ýerde we birbada»), Eddi Redmeýn («Oňat şepagat dogany», The Good Nurse)

► **Ikinji plandaky iň gowy aktrisa:** Anjela Bassett («Gara Pantera: Wakanda hemişelik», Black Panther: Wakanda Forever), Kerri Kondon («Inişeriniň perisi»), Jeými Li Kurtis («Hemme zat hemme ýerde we birbada»), Dolli de Leon («Tukatlygyň üçburçlugy»), Keri Malligan («Zenan aýtdy», She Said)

► **Iň gowy režissýor:** Jeýms Kameron («Awatar: suwuň ugry»), Daniel Kwan bilen Daniel Şeinert («Hemme zat hemme ýerde we birbada»), Baz Lurmann («Elwis») Martin MakDonah («Inişeriniň perisi»), Stiwen Spilberg («Fabelmanlar»)

► **Iň gowy ssenariý:** Tod Fild («Tar»), Daniel Kwan bilen Daniel Şeinert («Hemme zat hemme ýerde we birbada»), Martin MakDonah («Inişeriniň perisi»), Sara Polli («Gürrüňdeş zenanlar», Women Talking), Stiwen Spilberg bilen Toni Kuşner («Fabelmanlar»)

► **Iň gowy animasiýa:** «Gillermo Del Toronyň Buratinosy» (Gillermo Guillermo del Toro's Pinocchio), «Inu-o» (Inu-Oh), «Marsel» (Marcel the Shell with Shoes On), «Ädikli pişik: soňky arzuw» (Puss in Boots: The Last Wish), «Gyzyla öwrülmek» (Turning Red)

► **Iňlis dilinde bolmadyk iň gowy film:** «Frontuň günbatarynda täzelik ýok» (Im Westen nichts Neues) – Germaniýa, «Ýakynlaşmak» (Close) – Belgiýa, «Argentina, 1985» (Argentina, 1985) – Argentina, «Aýrylyşmak karary» (Haeojil Gyeolsim) – G. Koreýa, «RRR» (RRR) – Hindistan

► **Iň gowy serial (drama):** «Saula jaň edeniň gowy» (Better Call Saul), «Täç» (The Crown), «Aždarhanyň öýi» (The House of Dragon), «Ozark» (Ozark), «Bölünişik» (Severance)

► **Iň gowy serial (mýuzikal ýa-da komediýa):** «Abbott başlangyç mekdebi» (Abbott Elementary), «Aýy» (The Bear), «Hilegärler» (Hacks), «Jenaýatkärler bir binada» (Only Murders in the Building), «Çarşenbe» (Wednesday)

► **Iň gowy telefilm ýa-da gysga göwrümli serial:** «Gara guş» (Black Bird), «Çykyp gitmek» (The Dropout), «Ak lotus: Sisiliýa» (The White Lotus: Sicily), «Päm we Tommi» (Pam and Tommy), «Nägehan: Jeffri Dameriň hekaýasy» (Dahmer – Monster: The Jeffrey Dahmer Story)

► **Iň gowy aktýor (drama):** Jeff Brijjes («The Old Man»), Kewin Kostner («Yellowstone»), Diego Luna («Andor»), Bob Odenkirk («Better Call Saul»), Adam Skott («Severance»)

► **Iň gowy aktrisa (drama):** Emma D'Arsi («House of Dragon»), Laura Linni («Ozark», Imelda Staunton («The Crown», Hilary Swank («Alaska Daily»), Zendeýa («Euphoria»)

► **Iň gowy aktýor (mýuzikal ýa-da komediýa):** Donald Glower («Atlanta»), Bill Hader («Barry»), Stiw Martin («Only Murders in the Building»), Martin Şot («Only Murders in the Building»), Jeremi Allen Waýt («The Bear»)

► **Iň gowy aktrisa (mýuzikal ýa-da komediýa):** Kuinta Brunson («Abbott Elementary»), Kali Kuoko («The Flight Attendant»), Selena Gomez («Only Murders in the Building»), Jenna Ortega («Wednesday»), Jin Smart («Hacks»).

# Ýewropa film

## BAÝRAKLARYNYŇ ÝEŇIJILERI SYLAGLANDY



Ýewropanyň Oskary hasaplanýan Ýewropa film baýraklarynyň bu ýylky ýeňijileri mälim edildi. Ýewropa film akademiýasy tarapyndan berilýän baýraklar şu ýyl 35-nji gezek gowşuryldy. Baýrak gowşurylyş dabarasy Islandiýanyň paýtagty Reýkýawikde geçirildi.

Dabarada ýylyň iň gowy filmi diýlip şwesiýaly režissýor Ruben Estlundyň «Tukatlygyň üçburçlugy» (Triangle of Sadness) atly kinosy saýlandy. Dabaradan 4 baýrak bilen dolanan filmi surata düşüren Ruben Estlund iň gowy režissýor hem-de ssenariçi baýraklary bilen sylaglandy. Ekran eserinde surata düşen horwatiýaly aktýor Zlatko Buriç iň gowy aktýor diýlen ugurda Ýewropa film baýraklarynyň heýkeljigine laýyk görüldi. Awstriýa, Germaniýa, Lýuksemburg ýaly döwletleriň bilelikdäki önümi bolan «Korsaž» (Corsage) filminde baş keşbi janlandyran lýuksemburgly Wiki Krips iň gowy aktrisa diýlip saýlandy. «Belfast» kinosy iň gowy çeperçilik bezegi (Jim Kleý) hem-de iň gowy grim (Şarlott Wolter) baýraklaryna mynasyp görüldi. 1-nji Jahan urşy barada söhbet açýan «Frontuň günbatarynda täzelik ýok» (Im Westen nichts Neues) filminiň degişli işgärleri-de iň gowy makiýaž we saç bezegi, şeýle-de, iň gowy wizual effektler ugurlary boýunça baýraga mynasyp boldy. «Ýuwaş gyz» (An Cailin Ciuin) filminiň operatory Keýt MakKulof iň gowy operator baýragy bilen sylaglandy. Ispan filmi «Oňat başlyk» (El buen patrón) iň gowy komediýa baýragyny gazandy. Litwaly režissýor Mantas Kwedarawişiusyň surata düşüren «Mariupolis 2» atly ekran eseri iň gowy dokumental film baýragyna mynasyp boldy. «No Dogs or Italians Allowed» atly multfilm bolsa iň gowy animasiýa diýlip saýlandy.



Ruben Estlund

Dabaranyň dowamynda germaniýaly režissýor, aktrisa, ssenariçi Margarete won Trotta hem-de palestinaly režissýor Elia Suleiman hormat sylaglary bilen sylaglandy.

**Orazbibi ORAZOWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň žurnalistika kafedrasynyň mugallymy.*

# Täze film



**Ady:** «Awatar: suwuň ugry» (Avatar: The Way of Water); **Režissýory:** Jeýms Kameron; **Keşplerde:** Sem Wortington, Zou Saldanýa, Sigorni Wiwer, Stefen Lang, Keýt Winslet, Kliff Kurtis; **Ssenariçileri:** Jeýms Kameron, Rikk Jaffa, Amanda Silwer; **Prodýuserleri:** Jeýms Kameron, Jon Landau; **Kompozitory:** Saýmon Franglen; **Öndüriji:** «Lightstorm Entertainment», «TSG Entertainment»; **Paýlaýjy:** «20th Century Studios»; **Dowamlylygy:** 192 minut; **Görnüşi:** ylmy-fantastik; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe; **Býujeti:** 350–400 million $.



## Ähli babatda 1-nji kinodan gowy

Kino muşdaklarynyň sabyrsyzlyk bilen garaşan pursaty hem ahyry gelip ýetdi. Ilkinji kinosyndan 13 ýyl soň «Awatar» filminiň 2-nji kinosy – «Awatar: suwuň ugry» şu günden başlap, tutuş dünýäde kinoteatrlarda görkezilip başlanar. Ussat režissýor Jeýms Kameronyň surata düşüren bu filminiň dowamlylygy 3 sagatdan gowrak bolup, ol 192 minutlap dowam edýär. Filmiň býujeti 350-400 million dollar aralygynda bolup, onuň kassa ýygymyndan gazanjak girdejisiniň 3 milliard dollara golaýlamagyna garaşylýar. Bilermenleriň bellemegine görä, film 2,9 milliard dollar gazanan ilkinji kinodan ähli babatda öňe saýlanýar. Aýratynam, ssenariý hem-de wizual effektler boýunça film iň ýokary bahany aldy. Täze filmde ozalky kinoda hem surata düşen Sem Wortington, Zou Saldanýa, Sigorni Wiwer, Stefen Lang dagynyň hataryna Keýt Winslet, Kliff Kurtis ýaly artistler hem goşuldy.

Filmdäki wakalar 1-nji kinonyň galan ýerinden dowam edýär. Wakalar Pandora planetasynda bolup geçýär. Ýene-de Nawiler bilen ynsanlaryň arasyndaky düşünişmezliker bolup, gelmişekler Pandoradaky käbir elementlerden peýdalanmak isleýär. Ýöne Nawiler Pandora degişli bolan şol elementleri bermek islemeýär...

Filmiň 3-nji kinosy hem taýýar bolup, ony geljek ýylyň dekabrynda kinoteatrlara goýbermeklik göz öňünde tutulýar. 2–3-nji kinolardan gazanyljak girdejä görä, režissýor 4–5-nji filmlere hem girişmegi maksat edinýär.

# 54-nji KROSSWORD



● **DIKLIGINE:** **1.** Tohum at bilen tohum däl baýtaldan bolan at. **2.** Ýolagçynyň ýany bilen alyp gidýän ýa-da ulag bilen iberýän ýüki. **3.** Ýer sürmek üçin ulanylýan köne gural. **4.** Gant şugundyryndan alynýan önüm. **5.** Goşunyň kiçi harby gullukçysy. **6.** Düp-.... **7.** Selinden başga ot-çöp gögermeýän uly çäge depesi. **8.** Eti we işbili ýokary hilli, gymmat bahaly balyk. **9.** Ýaşalýan jaýdaky bir tam. **10.** Bir zat barada berlen söz, wada. **11.** Suwda ýaşaýan oňurgaly jandar. **17.** Suwuň akýan ugry, gidýän tarapy. **18.** «Suw ..., daş galar» (nakyl). **21.** Aýdyň, äşgär. **22.** Himiki element. **23.** Ýanýan zatdan çykýan alaw, ýalyn. **29.** Çaý gaýnatmak üçin ýasalan tüňçäniň bir görnüşi. **30.** Dagda bitýän, ýeralma meňzeş ösümlik. **31.** Gün ýaşmazynyň öň ýanyndaky wagt. **32.** Matanyň insizje uzyn bölegi. **33.** Ýaz paslynyň bir aýy. **34.** Gymmatbaha daş. **35.** Çal reňkli, iri ýaprakly dik ösýän haşal ot. **36.** Ekin ekmek bilen meşgullanýan adam, daýhan. **37.** Derekli, oňly. **38.** Derýanyň aýagyndaky şaha-şaha bolup guýýan ýeri. **41.** Gatyk ýaýylyp ýagy alnandan soň galýan suwuk çal. **53.** Hakyky bolan waka, subutnama. **54.** Saç daralýan darak, başdarak. **59.** Parižďäki meşhur muzeý. **60.** «Köne» sözüniň garşydaş manysy. **62.** Göwnaçyk, mylaýym. **63.** Gonduras döwletiniň paýtagty. **64.** Tamamlanmak, gutarylmak. **65.** «Münmäge şahasy ýok, iýmäge miwesi ýok» (matal). **67.** «Miweli agajyň başy ...» (nakyl). **68.** «Tebibiň olmasa duçar, Niçik ... tapar bimar» (Seýdi). **69.** Reňk. **71.** Gorky, howp. **72.** Belli bir prosesiň ösüşindäki stadiýa, döwür. **74.** Gün dogmazynyň öň ýany. **77.** Sport we beýleki çäreleri geçirmek üçin ullakan giň jaý. **84.** Mal-mülklülik, gurpluluk. **85.** Gyz ady. **89.** Türkiýäniň paýtagty. **90.** Ýewropada bir döwlet. **92.** Geçiniň, keýigiň alty aýlyga çenli çagasy. **93.** «Ýagşylykda ile özün tanadan, ... alyp, derejesi zor bolar» (Magtymguly). **94.** Oglan ady. **95.** Dünýä belli kompaniýa. **96.** Kesilmän mydama akyp duran, akar. **97.** «Gysga» sözüne manydaş söz. **101.** Belli bir wagt aralygynda aňyň işlemän rahatlyk halda bolup geçýän fiziologik ýagdaýy.

● **KESELIGINE:** **2.** Daşgynrak garyndaş, ata-babalary bir bolan adamlar. **8.** Beton işinde işleýän işçi. **12.** Wulkan atylanda çogup çykýan gyzgyn suwuk massa. **13.** Gahrymançylykly halk rowaýatlary, hekaýalary. **14.** Çaý içilýän agzy ýaýbaň syrçaly gap. **15.** Öýlenen oglanyň we durmuşa çykan gyzyň hossarlarynyň biri-birine garyndaşlyk gatnaşygy. **16.** Owadan, görmegeý. **17.** Dürli reňklerden, zolaklardan ybarat bolan. **19.** «Ajal geler ýorta-ýorta, kime bu gün, kime ...» (Paýhas çeşmesi). **20.** Oglan ady. **21.** Özüňden uly erkek dogan. **24.** Ýüňden, pamykdan ýüplük egirmek üçin ýokarsy dilik gözli ýönekeýje gural. **25.** Halk, ilat, adamlar. **26.** Kakaň kakasy. **27.** Adam synasy. **28.** Ýeke toýnakly öý jandary. **30.** Harby-deňiz flotunda komandirler düzümine berilýän iň ýokary at. **35.** Bir senet bilen meşgullanýan adam, hünärmen. **39.** Hakykaty goldaýan adam. **40.** ...-ekram. **42.** Halk döredijiliginiň bir görnüşi. **43.** Göz, göreç. **44.** Iň kiçi döwlet. **45.** Belli bir döwletiň resmileşdirilen ýaşaýjysy. **46.** Beren sözünde tapylýan, wadasynda durýan. **47.** Düzgün, kanun. **48.** Heniz geýilmedik, ulanylmadyk. **49.** «... almak - iňňe bilen guýy gazmak» (nakyl). **50.** Birnäçe gatly jaýlarda, şahtalarda we magdan guýularynda aşak düşürýän we ýokary çykarýan maşyn. **51.** Reňk. **52.** Oýun, konsert, leksiýalar hakda ýazylýan bildiriş. **55.** Ýeriň hemrasy. **56.** Özüňden kiçi erkek dogan. **57.** Biri ýa-da bir zat barada edilýän pikir. **58.** Metalyň, daşyň gönüburçly ýasy bölegi. **61.** Öý jandary. **66.** Awtoulag kysymy. **68.** Miweli agaçlarda emele gelýän ýelmeşegen şepbik suwuklyk. **70.** Ýazda ekilýän, dänesi gylçykly ösümlik. **72.** Bir zadyň çeşmesi, toplumy. **73.** Miwesi, şänikli agaç. **75.** Okuw esbaby. **76.** Çaga, zürýat. **78.** Grek elipbiýiniň ilkinji harpy. **79.** Günorta Amerikada bir döwlet. **80.** Hepdäniň bir güni. **81.** Bir zat hakda hat üsti bilen edilýän şikaýat, haýyş. **82.** Baglaýjy kömekçi. **83.** Russiýa döwletinde bir derýa. **85.** Kesel bejerýän serişde, derman. **86.** Ýurdumyzdaky süýt önümlerini öndürýän kärhanalaryň biri. **87.** San. **88.** Ugurdaşlygy görkezýän baglaýjy kömekçi. **90.** Sözüň soňuna goşulyp, kiçiligi deňeşdirmegi aňlatmak, hal ýasamak üçin hyzmat edýän goşulma. **91.** Bir zadyň keseligine bolan uzynlygy. **98.** Kerpiç guýmak, haýat salmak ýa-da suwag üçin ýörite taýýarlanylan palçyk. **99.** Kakaň ejesi. **100.** Gündogar ýurtlarda döwletiň hökümdary. **102.** Ýokluk görkezýän baglaýjy kömekçi. **103.** Gawundan taýýarlanýan azyk önümi. **104.** Senagatyň himiýa pudaklarynda ulanylýan ýumşak ak daş. **105.** Dodak. **106.** Adamyň häsiýetine, gylygyna, keşbine görä halk tarapyndan soňra dakylýan at. **107.** Oglan ady. **108.** Birine karz berlen pul. **109.** Utanç, uýat. **110.** Gulp we ş.m. açmak, ýapmak üçin metaldan edilen gural. **111.** Ýara daňylýan hasa, sargy. **112.** Erbetlik, nädogry iş üçin närazylyk bildirilip edilýän arz. **113.** Ýer ýüzünde ilki peýda bolan adam, ynsan.

53-nji krosswordyň jogaby:



Eset ÖWÜLÝAGULYÝEW, *Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.*

# Braziliýalylar medal gazanmagy ýatdan çykardy

Horwatiýa bilen Braziliýanyň arasyndaky çärýek final duşuşygy çekeleşikli geçip, oýnuň esasy wagtynda hasap açylmady. Goşmaça wagtyň ilkinji ýarymynyň ahyrynda (105+1) Neýmar owadan paslaşyklardan soň topy ajaýyp urgy bilen derweză girizdi. Horwatlar bu gola goşmaça wagt tamamlanyp



barýarka jogap berdi. Ýagny 117-nji minutda oýna soň giren Orşiçiň pasy esasynda oýna soň giren Petkowiç topy batly urup, derweză girizdi we hasaby deňledi. Netijede, duşuşygyň goşmaça wagty 1–1 deňlikde tamamlandy we penaltiler ýeňijini kesgitlemeli edildi.

Penaltilerde hem Horwatiýa 4–2 öňe saýlanyp, bassyr 2-nji, umumylykda-da 3-nji gezek ýarym finala çykdy. Şol bir wagtyň özünde-de penaltileriň netijesinde hem bolsa Horwatiýa Braziliýany ilkinji gezek ýeňmegi başardy. Horwatlaryň düzüminde penalti urgulary Wlaşiç, Maýer, Modriç hem-de Orşiç geçirdi. Brazillerden Kazemiro bilen Pedronyň urgulary takyk boldy. Rodrigonyň urgusyny derwezeçi Liwakowiç saklan bolsa, Markiniosyň urgusy sütüne degdi. Netijede, Braziliýanyň ýygyndysy soňky 5 çempionatda 4-nji gezek çärýek finaldan yzyna gaýtdy.

Şunlukda, Braziliýa ýene bir çempionaty medalsyz tamamlar. Ähli Dünýä Kubogy ýaryşyna gatnaşan ýeke-täk ýygyndy bolan Braziliýa 5 çempionlyk gaza-



nyp, bu ugurda rekordyň eýesidir. Olar 2 sapar 2-nji, 2 gezek hem 3-nji ýeri eýeläp, jemi 9 medal gazanypdylar. Olaryň gazanan 6-njy we 7-nji medallarynyň arasynda 3 çempionat bardy. Ýöne soňky medalyny 20 ýyl mundan ozal gazanan, ýagny Aziýada geçirilen çempionatda çempion bolan Braziliýa şol bäsleşikden bäri medallaryň daşynda galýar. Başgaça aýdylanda, soňky 5 çempionaty medalsyz tamamlan Braziliýanyň ýygyndysynyň hiç haçan şeýle şowsuz döwri bolmandy. Sambaçylar soňky 5 çempionatyň 4-sinde çärýek finaldan geçip bilmediler. Olar diňe 2014-nji ýylda özlerinde geçirilen ýaryşda ýarym finala çykypdylar. Onda-da çykanlaryna müň puşman bolan braziller soňlugy bilen, çempionaty 4-nji orunda tamamlapdy. Mahlasy, Braziliýanyň ýygyndysynyň medalsyz döwri häzirlikçe 24 ýyl we olar bu wagtyň uzamazlygy üçin 2026-njy ýyla çenli berk taýýarlyk görmeli bolarlar.

**Peläniň 60 ýyllyk rekordyny täzeledi**

Katar 2022 Dünýä Kubogynda çärýek finalyň çäginde Braziliýa bilen Horwatiýa duşuşdy. Oýnuň 105+1-nji minutynda hasaby açan Neýmar 60 ýyllyk rekorda şärik boldy. Ol milli ýygyndydaky 77-nji goluny geçirip, futbolyň şasy, häzirki wagtda hassahanada bejergi alýan Peläniň rekordyny gaýtalady. FIFA-nyň hasabyna görä, Pele 77 gol geçirdi. Braziliýanyň futbol federasiýasynyň maglumatlaryna görä-de, Pele milli ýygyndyda 95 gezek tapawutlandy.

# Ýarym finala çykan ilkinji Afrika wekili

Katar 2022-de 1/8 finalda garaşylmadyk netijeleriň diňe biri hasaba alnan bolsa, çärýek finalda bu san 2-ä çykdy. Braziliýanyň Horwatiýadan asgyn gelmegi köpler üçin garaşylmadyk netije bolan bolsa, Afrikanyň wekili Marokkonyň ýygyndysy Belgiýadyr Ispaniýadan soň Portugaliýany hem ýaryşdan çykarmagy başardy. Çärýek finalda Portugaliýa bilen duşuşan Marokkonyň ýygyndysy kynlyk bilenem bolsa 1-0 hasabynda ýeňiş gazanmagyň hötdesinden geldi. Ýeke-täk goly 42-nji minutda Ýussef En-Nesiri hemmeden ýokary böküp, kelle urgusy bilen derweză girizdi. Çekeleşikli geçen oýunda Ronaldo ýenede ätiýaçda oturyp, ol 51-nji minutda meýdança girdi. Ýöne onuň girmegi-de hasaby üýtgedip bilmedi. Netijede, 1-0 hasabynda ýeňiş gazanan Marokko ýarym finala çykan ilkinji Afrika wekili boldy. Galyberse-de, olar Dünýä Kubogynyň taryhynda ýarym finalda çykyş etjek ilkinji arap hem-de 2-nji musulman ýurt hökmünde hasaba alyndy.





Marokkonyň ýygyndysy soňky 8 duşuşykda 1 gol geçirdip, güýçli goragy bilen Dünýä Kubogynda ýarym finala çenli çykdy. 1934-nji ýyldan bäri 49 gezek gatnaşan 13 Afrika ýurdunyň arasyndan ilkinji bolup, iň gowy dörtlüge düşen Marokko toparynyň tälimçisi, 47 ýaşly Walid Regragui çempionatyň başlamagyna 81 gün galanda bu wezipä bellenipdi.

# 7-nji gezek çärýek finaldan gaýtdy

Soňky çempion Fransiýa bilen futbolyň watany Angliýanyň duşuşygynda ýeňiş fransuzlaryň tarapynda boldy. Çekeleşikli geçen oýunda Fransiýa 2-1 hasabynda ýeňiş gazanmagy başardy. 17-nji minutda Tçuameniniň uzakdan uran batly urgusy bilen hasap fransuzlaryň peýdasyna 1–0 boldy. 2-nji ýarymda, 54-nji minutda Harri Keýn penaltini dürs urup, hasaby deňledi. Bu onuň milli topardaky 53-nji goly bolup, ol Weýn Runiniň rekordyny gaýtalady. Duşuşygyň 78-nji minutynda Grizmannyň ajaýyp pasyndan soň ezber hüjümçi Oliwie Žiru şu çempionatdaky 4-nji goluny geçirdi. Duşuşygyň 84-nji minutynda Harri Keýne hasaby deňlemäge hem-de 30 minut öň şärik bolan rekordyny öz adyna geçirmäge mümkinçilik döredi. Ýöne ýyldyz oýunçynyň bu gezekki urgusy klubdaşy Hugo Llorisiň goraýan derwezesiniň ýokarsyndan meýdançanyň daşyna gitdi. Keýn XXI asyrda Dünýä Kubogynda bir duşuşykda bir penaltini dürs urup, birini-de dürs urup bilmedik ilkinji futbolçy hökmünde hasaba alyndy. Şunlukda, 2–1 hasabynda ýeňiş gazanan Fransiýanyň ýygyndysy yzly-yzyna 2-nji, umumylykda-da 7-nji gezek ýarym finala çykmagy başardy. Fransiýanyň ýygyndysy soňky 24 ýylda çempion hökmünde ýarym finala çykan ilkinji ýygyndy boldy. Angliýanyň ýygyndysy bolsa



Dünýä Kubogynyň çäginde 7-nji sapar çärýek finaldan yzyna gaýdyp, bu görkeziji antirekorda deňdir. Angliýanyň ýygyndysyna 56 ýyldan bäri kubok gazanmak başardanok. Angliýanyň ýygyndysy soňky 24 ýylda Fransiýa bilen 9-njy gezek duşuşyp, şolarda diňe 1 gezek ýeňiş gazandy.

Derwezeçi Hugo Lloris 143-nji gezek Fransiýanyň ýygyndysynda çykyş edip, Lilian Turamyň rekordyny täzeledi.

# IŇ KÖP SARY KART GÖRKEZILEN DUŞUŞYK

Niderlandlar bilen Argentinanyň arasyndaky duşuşyk diýseň dartgynly geçdi. Oýnuň 35-nji minutynda Lionel Messiniň pasyndan soň Nahuel Molina argentinleri öňe saýlady. 2-nji ýarymda, 73-nji minutda penaltini dürs uran Lionel Messi hasaby 2–ä çykardy. Bu goldan soň taktikasyny üýtgeden Niderlandlaryň tälimçisi Luis Wan Gaal hüjümçi Wut Wegorsty oýna girizdi. Ol hem tälimçisiniň ynamyny aňryýany bilen ödäp, 83-nji minutda hasaby 2–1-e ýetirdi. Ol 90+11-nji minutda mekirlik bilen ýerine ýetirilen jerime urgusynda-da topy derweză girizip, hasaby deňledi. Bu goldan soň goşmaça 30 minut oýnalmaly boldy. Ýöne bu 30 minutda hasap üýtgemedi. Netijede, ýene-de penaltilere ýüz tutuldy. Wan Deýk we Berguisiň urgularyny derwezeçi Martines sowmagy başardy. Munuň tersine Messi we Paredesiň urgulary takyk boldy. 3-nji synanyşykda niderlandlaryň urgusy takyk (Koopmaýners), argentinleriň urgusy (Fernandes) nätakyk boldy. Ýö-



ne ondan soň iki topar hem ýalňyşmady. Netijede, 4–3 üstün çykan Argentina 6-njy gezek ýarym finala çykdy. Argentinanyň ýygyndysynyň ykbalyny 6-njy gezek penaltiler kesgitläp, olar şolaryň 5-sinde ýeňiş gazandy. Bu görkeziji rekorda deňdir.

Duşuşygyň dowamynda ispaniýaly emin Antonio Mateu Laos jemi 17 gezek sary kartyna ýüz tutdy. Bu rekorda bolup, mundan öň 2006-njy ýylda russiýaly emin Walentin Iwanow Niderlandlar bilen Portugaliýanyň arasyndaky oýunda 16 sary kart görkezipdi. Matei Laos oýnuň ahyrlarynda Dumfrise gyzyl kart hem görkezdi.

Çempionatyň iň ýaşuly tälimçisi Luis Wan Gaal bilen ýaş tälimçisi Lionel Skaloniniň arasyndaky bu duşuşykda ýeňiş ýaş tälimçiniň tarapynda boldy. Dünýä Kubogynda 12-nji duşuşygyny geçiren Wan Gaal şol duşuşyklarda esasy wagtda ýeke gezek hem ýeňilmedi. Ol diňe 2 gezek penaltileriň netijesinde, ikisinde hem Argentinadan asgyn geldi.

### HORWATIÝA – BRAZILIÝA 1-1 4–2 (p)

Katar 2022 – 09.12.2022 – 1/4 FINAL

- **GOL:** Petkowiç 117 – Neýmar 105+1
- **PENALTI:** Wlaşiç, Maýer, Modriç, Orşiç – (Rodrigo), Kazemiro, Pedro, (Markinios)
- **SARY KART:** Brozowiç 31, Petkowiç 117 – Danilo 25, Kazemiro 68, Markinios 77
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Dominik Liwakowiç (Horwatiýa)
- **HORWATIÝA (4–3–3):** Liwakowiç – Ýuranowiç, Lowren, Gwardiol, Sosa (Budimir 110) – Brozowiç (Orşiç 114), Modriç (k), Kowaçiç (Maýer 106) – Paşaliç (Wlaşiç 72), Kramariç (Petkowiç 72), Perişiç; **Tälimçi:** Zlatko Daliç
- **BRAZILIÝA (4–2–3–1):** Alisson – Militao (Aleks Sandro 106), Markinios, Tiago Silwa (k), Danilo – Lukas Paketa (Fred 106), Kazemiro – Rafinýa (Antoni 56), Neýmar, Winisius Junior (Rodrigo 64) – Rişarlison (Pedro 84); **Tälimçi:** Tite
- **EMIN:** Maýkl Oliwer (Angliýa)
- **STADION:** «Education City» – Al Raýýan
- **TOMAŞAÇY:** 43 893

### NIDERLANDLAR – ARGENTINA 2-2 3–4 (p)

Katar 2022 – 09.12.2022 – 1/4 FINAL

- **GOL:** Wegorst 83, 90+1 – Molina 35, Messi 73 p
- **PENALTI:** (Wan Deýk), (Berguis), Koopmaýners, Wegorst, L. De Ýong – Messi, Paredes, Montiel, (Fernandes), Lau. Martines
- **SARY KART:** Timber 43, Wegorst 45+2, Depaý 76, Berguis 88, Bergwiýn 91, Dumfris 120+8, 120+9, Lang 120+9 – Akunýa 43, Romero 45, Lis. Martines 76, Paredes 89, Skaloni 90, Messi 90+10, Otamendi 90+12, Montiel 109, Pezzella 112
- **GYZYL KART:** Denzel Dumfriz 120+9
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Lionel Messi (Argentina)
- **NIDERLANDLAR (3–4–3):** Noppert – Timber, Wan Deýk (k), Ake – Dumfris, De Roon (Koopmaýners 46), F. De Ýong, Blind (L. De Ýong 64) – Gakpo (Lang 113), Depaý (Wegorst 78), Bergwiýn (Berguis 46); **Tälimçi:** Lui Wan Gaal
- **ARGENTINA (3–5–2):** E. Martines – Romero (Pezzella 78), Otamendi, Lis. Martines (Di Mariýa 112) – Molina (Montiel 106), Akunýa (Talifiko 78), De Paul (Paredes 67), E. Fernandes, Mak Allister – Alwares (Lau. Martines 82), Messi (k); **Tälimçi:** Lionel Skaloni
- **EMIN:** Antonio Mateu Laos (Ispaniýa)
- **STADION:** «Lusail Iconic» – Lusail
- **TOMAŞAÇY:** 88 235

### MAROKKO – PORTUGALIÝA 1-0

Katar 2022 – 10.12.2022 – 1/4 FINAL

- **GOL:** Ýussef En-Nesiri 42
- **SARY KART:** Aşraf Dari 70, Walid Çeddira 90+1, 90+3 – Witinýa 87
- **GYZYL KART:** Walid Çeddira 90+3
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Ýassin Bunu (Marokko)
- **MAROKKO (4–3–3):** Ýassin Bunu – Aşraf Hakimi, El Ýamik, Saiss (k) (Dari 57), Attiýat Allah – Sofiýan Amrabat, Unahi, Selim Amallah (Çeddira 65) – Hakim Ziýeş (Abuhlal 82), En-Nesiri (Benun 65), Bufal (Jabrane 82); **Tälimçi:** Walid Regragui
- **PORTUGALIÝA (4–3–3):** Diego Kosta – Dalot (Horta 79), Pepe (k), Ruben Diaş, Gerreýro (Žoao Kanselo 51) – Ruben Neweş (Kristiano Ronaldo 51), Bernardo Silwa, Otawiýa (Witiniýa 69) – Bruno Fernandeş, Gonsalo Ramoş (Rafael Leao 69), Žoao Feliks; **Tälimçi:** Fernando Santoş
- **EMIN:** Fakundo Tello (Argentina)
- **STADION:** «Al Thumama» – Doha
- **TOMAŞAÇY:** 44 198

### ANGLIÝA – FRANSIÝA 1-2

Katar 2022 – 10.12.2022 – 1/4 FINAL

- **GOL:** Harri Keýn 54 p – Orelien Tçuameni 17, Oliwie Žiru 78
- **SARY KART:** Harri Maguaýr 90 – Antuan Grizmann 43, Usman Dembele 46, Teo Hernandes 82
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Oliwie Žiru (Fransiýa)
- **ANGLIÝA (4–3–3):** Jordan Pikford – Kaýl Wolker, Jon Stounz (Jek Griliş 90+8), Harri Maguaýr, Lýuk Şow – Deklan Raýs, Jordan Henderson (Meýson Maunt 79), Jud Bellingam – Bukaýo Saka (Rahim Sterling 79), Harri Keýn (k), Fil Foden (Markus Reşford 85); **Tälimçi:** Garet Sautgeýt
- **FRANSIÝA (4–2–3–1):** Hugo Lloris (k) – Žýul Kunde, Rafael Waran, Daýo Apamekano, Teo Hernandes – Orelien Tçuameni, Adrien Rabio – Usman Dembele (Kingsli Koman 79), Antuan Grizmann, Kilian Mbappe – Oliwie Žiru; **Tälimçi:** Didie Deşam
- **EMIN:** Wilton Sampaio (Braziliýa)
- **STADION:** «Al Bayt» – Al Hor
- **TOMAŞAÇY:** 68 895

# ÇÄRÝEK WE ÝARYM FINALDAN PURSATLAR




































# ARGENTINA 6-njy, FRANSIÝA 4-nji gezek FINALDA

**Katar 2022-de ilkinji finalçy Argentina boldy. Ýarym finalyň 1-nji duşuşygynda soňky 2 bäsleşigiň finalçylary – 2014-nji ýylyň wise-çempiony Argentina bilen 2018-nji ýylyň wise-çempiony Horwatiýa duşuşdy.**

Çekeleşikli geçen oýna horwatlar erjel başlady. Olar ilkinji 20 minutda oýna doly erk etmegi başardylar. Ýöne soňlugy bilen, oýnuň jylawy super ýyldyz Lionel Messi we ýoldaşlarynyň eline geçdi. Duşuşygyň 34-nji minutynda horwatiýaly derwezeçi Liwakowiçiň argentinaly hüjümçi Alwaresiň garşysyna gödeklige ýol berendigini nazarda tutan italiýaly emin Orsato penalti urgusyny belledi. Ony-da Lionel Messi dürs urup, hasaby açdy. Bu onuň şu çempionatdaky penaltiden 3-nji, umumylykda-da 5-nji goly boldy. Ol bu goly geçirmek bilen Dünýä Kubogyndaky iň netijeli argentin futbolçysy rekordyny hem öz adyna geçirdi. Bu goldan 4 minut soň Hulian Alwares öz ýarym meýdançasyndan alyp gaýdan topuny derweză girizdi. Şol pursatda horwatiýaly goragçylaryň topy daşlaşdyrjak bolan 2 synanyşygynda-da top Alwaresde galdy. Duşuşygyň 1-nji ýarymy 2-0 hasabynda tamamlandy. 2-nji ýaryma 2 oýunçy çalşygy bilen başlan horwatlaryň bu taktikasy oňyn netije bermedi. Oýnuň 69-njy minutynda bolsa Lionel Messi top bilen bir yza, bir öňe hereket edip, horwatlaryň täze ýyldyzy, goragçy Gwardiolyň başyny-gözüni aýlap, beren pasyndan soň Alwares 3-nji goly derweză girizdi. Bu duşuşykdaky soňky gol boldy. Şunlukda, Lionel Messi we ýoldaşlary 6-njy gezek finala çykmagy başardy. Olar finala çykmakda Germaniýadan soň 2-nji ýeri eýeleýär. Argentinanyň ýygyndysy şu wagta çenli ýarym finalda ýeke gezek hem ýeňlişe se-



zewar bolmady. Duşuşykda 1 asist edip, 1 gol geçiren Lionel Messi şu çempionatda 4-nji gezek duşuşygyň ýyldyzy saýlandy. Ol umumylykda 10-njy gezek bu hormata laýyk görlüp, bu ugurda öňde barýar. Galyberse-de, Lionel Messi Dünýä Kubogynda 25-nji duşuşygyny geçirip, bu ugurda Lotar Matteusyň rekordyna şärik boldy. Ol finalda oýnan ýagdaýynda rekordy öz adyna geçirer. Russiýa 2018-de toparçalarda Argentinany 3-0 ýeňen Horwatiýa bu gezek şol hasap bilen ýarym finalda asgyn geldi.

### ARGENTINA – HORWATIÝA 3-0

Katar 2022 – 13.12.2022 – 1/2 FINAL

- **GOL:** Messi 34 p, Alwares 39, 69
- **SARY KART:** Romero 68, Otamendi 71 – Liwakowiç 32, Kowaçiç 32
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Lionel Messi (Argentina)
- **ARGENTINA (4–4–2):** E. Martines – Molina (Foýt 86), Romero, Otamendi, Taliafiko – De Paul (Palasios 74), Paredes (Lis. Martines 72), E. Fernandes, Mak Allister (A. Korrea 86) – Lionel Messi (k), Alwares (Dibala 74); **Tälimçi:** Lionel Skaloni
- **HORWATIÝA (4–3–3):** Liwakowiç – Ýuranowiç, Lowren, Gwardiol, Sosa (Orşiç 46) – Brozowiç (Petkowiç 50), Modriç (k) (Maýer 81), Kowaçiç – Paşaliç (Wlaşiç 46), Kramariç (Liwaýa 72), Perişiç; **Tälimçi:** Zlatko Daliç
- **EMIN:** Daniele Orsato (Italiýa)
- **STADION:** «Lusial Iconic» – Lusail
- **TOMAŞAÇY:** 88 966

### FRANSIÝA – MAROKKO 2-0

Katar 2022 – 03.12.2022 – 1/8 FINAL

- **GOL:** Teo Hernandes 5, Rendal Kolo Muani 79
- **SARY KART:** Bufal 27
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Antuan Grizmann (Fransiýa)
- **FRANSIÝA (4-2-3-1):** Lloris (k) – T. Hernandes, Konate, Waran, Kunde – Tçuameni, Fofana – Mbappe, Grizmann, Dembele (Kolo Muani 78) – Žiru (Turam 65); **Tälimçi:** Didie Deşam
- **MAROKKO (5-4-1):** Bunu – Hakimi, Dari, Saiss (Selim Amallah 21, Ezzalzuli 78), El Ýamik, Mazraui (Attiýat Allah 46) – Ziýeş, Unahi, Amrabat, Bufal (Abuhlal 66) – En-Nesiri (Hamdallah 66); **Tälimçi:** Walid Regragui
- **EMIN:** Sezar Arturo Ramos (Meksika)
- **STADION:** «Al Bayt» – Al Hor
- **TOMAŞAÇY:** 68 294

**Ýarym finalyň 2-nji duşuşygynda soňky çempion Fransiýa bilen taryhynda ilkinji gezek iň gowy dörtlüge adyny ýazdyran Marokkonyň ýygyndylary duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda Fransiýanyň ýygyndysy 2–0 hasabynda ýeňiş gazandy.**

Oýnuň 5-nji minutynda Teo Hernandes owadan urgy bilen hasaby açdy. Bu gol 1958-nji ýyldan



bäri ýarym final oýunlarynda derweză girizilen iň çalt gol boldy. Bu goldan soň Marokkonyň ýygyndysy hasaby deňlejek bolup tagalla baryny etdi. Ýöne Bufal, En-Nesiri, Ziýeş ýaly futbolçylaryň amala aşyran hüjümleri oňyn netije bermedi. 1-nji ýarymda ilki Fransiýadan Oliwie Žirunyň batly urgusy, soňra Marokkodan El Ýamigiň üstaşyr urgusy sütüne degdi. 2-nji ýaryma Marokkonyň ýygyndysy erjel başlady. Olar birnäçe amatly pursatlar döredip, oýnuň jylawyny ellerinde sakladylar. Ýöne goly geçiren Fransiýanyň ýygyndysy boldy. Duşuşygyň 79-njy minutynda Mbappeniň 3-4 oýunçyny aldap, uran topy oýna 44 sekunt öň giren Randal Kolo Muaniniň öňüne düşdi. Ol hem topy derweză girizip, hasaby 2-0-a çykardy. Ol oýna gireninden soň iň çalt gol geçiren 3-nji futbolçy hökmünde hasaba alyndy. Galan pursatlarda-da azda-kände lapykeç bolan afrikalylar iň bolmanda bir gol geçirmek üçin göreşselerem, duşuşyk 2–0 hasabynda soňky çempionyň ýeňşi bilen tamamlandy. Şeýlelikde, Fransiýanyň ýygyndysy soňky 7 ýaryşda 4-nji gezek finala çykdy. Fransiýanyň ýygyndysy 1998-nji ýyldan soň çempion hökmünde finala çykan ilkinji ýygyndy bolup, olar Braziliýadan soň çempionlygyny gorap biljek ilkinji topar boldy. Didie Deşam bolsa Dünýä Kubogyndaky 14-nji ýeňşini gazanyp, 2-nji orna geçdi (18 oýunda). 2 ýeňliş, 2 deňligi bolan Deşamdan öňde 16 ýeňiş bilen germaniýaly Helmut Şön 1-nji orunda barýar. Şeýle-de, Didie Deşam bassyr 2-nji gezek finala çykan 4-nji tälimçi boldy. Ondan öň italiýaly Wittorio Pozzo (1934, 1938), argentinaly Karlos Bilardo (1986, 1990) hem-de germaniýaly Frans Bekkenbaur (1986, 1990) bar. Şolardan häzirlikçe diňe italiýaly Pozzo ikisinde-de çempionlyk gazanmak başartdy.

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# Çempionlykdan soň kubogy hem gazandy

Futbol boýunça Türkmenistanyň Kubogy ýaryşynyň finalynda «Ahal» topary «Şagadam» toparyndan uly hasap bilen üstün çykdy. Paýtagtymyzdaky «Nusaý» stadionynda oýnalan finalda «Ahal» topary 5-0 hasabynda üstün çykyp, möwsümdäki 2-nji kubogyny gazandy. «Ahal» topary golaýda ýurdumyzyň çempionatynda wagtyndan öň çempionlygyny hem yglan edipdi. «Ahal» toparyna uly hasaply ýeňiş getiren gollary Şanazar Tirkişow (25), Didar Durdyýew (59), Ýunus Orazmämmedow (62 ö.d.), Elman Tagaýew (74 p) hem-de Resul Hojaýew (85) geçirdi. 30-njy minutda Ahaldan Ybragym Mämmedowyň penalti salyp bilmedik duşuşygynda, 34-nji minutda her topardan bir oýunçy gyzyl kart aldy. «Şagadamdan» Mekan Aşyrow, «Ahaldan» Abdy Bäşimow meýdançadan çykaryldy.



Şeýlelikde, «Şagadamdan» geçen ýylyň finalynda 1-0 asgyn gelen «Ahal» bu gezek 5-0 hasabynda ýeňip, 2013-nji, 2014-nji we 2017-nji ýyllardan soň Türkmenistanyň Kubogyna 4-nji sapar mynasyp boldy. Olar 2 gezek hem finalda ýeňilipdiler. «Şagadam» bolsa 2 gezek ýeňiji bolan ýaryşynda 4-nji sapar finalda utuldy.

# 3-nji ÝER UGRUNDA ÝITI GÖREŞ DOWAM EDÝÄR

Futbol boýunça Türkmenistanyň Ýokary ligasynda 26-njy tapgyryň duşuşyklary geçirildi. Çempiony belli bolan çempionatyň bu tapgyrynda çempion «Ahal» öz meýdançasynda «Köpetdag» bilen duşuşdy. Oýun 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy. Duşuşygyň 33-nji minutynda Şöhrat Söýünowyň öz derwezesinden geçiren goly esasynda «Köpetdag» 1–0 öňe saýlandy. Çempion bu gola 51-nji minutda Selim Nurmyradowyň takyk urgusy bilen jogap berdi. Ýeňlişsiz barýan «Ahal» şu möwsümde 4-nji gezek deňme-deň oýnady. 8 ýyldan soň çempionlygy elden gideren «Altyn asyr» topary «Merwden» Altymyrat Annadurdyýewiň 45+2-nji minutdaky ýeke-täk goly esasynda 1–0 üstün çykdy. Şeýle netije bilen tamamlanan başga bir oýunda «Nebitçi» topary «Aşgabat» toparyny 1–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Balkanabatlylara ýeňiş getiren ýeke-täk goly 44-nji minutda Abdymuhammet Begjanow geçirdi. Duşuşykda 22-nji minutda «Nebitçi» toparynyň oýunçysy Serdar Tukiýew penaltini dürs urup bilmedi. Tapgyryň iň golly duşuşygynda «Şagadam» myhmançylykda «Energetik» toparyny 3–0 hasabynda utdy. Duşuşykdaky gollaryň üçüsini hem Kerim Hojaberdiýew öz adyna ýazdyrdy. Ol 4-nji, 33-nji (p) hem-de 57-nji minutlarda tapawutlandy.

Geçirilen 26 tapgyrdan soň iň köp gol geçiren futbolçylaryň sanawynda «Ahaldan» Didar Durdyýew 24 gol bilen 1-nji ýerde barýar. «Merwden» Alibek Abdyrahmanowyň 21, «Köpetdagdan» Begenç Akmämmedowyň 19 goly bar.



Häzirki wagtda çempionatda 3-nji ýer üçin «Merwdir» «Köpetdagyň» hem-de «Şagadamyň» arasynda ýiti göreş dowam edýär. «Merwiň» 40, «Köpetdagyň» 39, «Şagadamyň» 34 utugy bar. «Şagadam» galan 2 tapgyrda ilki «Köpetdag», soňra «Merw» bilen duşuşar. «Merw» indiki tapgyrda «Ahal» bilen duşuşsa, 28-nji tapgyrda «Köpetdag» myhmançylykda «Energetik» bilen duşuşyp, möwsümi jemlär.

27-nji tapgyryň duşuşyklary 17-nji dekabrda oýnalyp, şol gün «Nebitçi»–«Energetik», «Aşgabat»–«Altyn Asyr», «Merw»–«Ahal», «Köpetdag»–«Şagadam» duşuşyklary geçiriler.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «AHAL» (Ç) | 26 | 22 | 4 | 0 | 83–17 | 70 |
| 2 | «ALTYN ASYR» | 26 | 16 | 7 | 3 | 42–18 | 55 |
| 3 | «MERW» | 26 | 12 | 4 | 10 | 39–36 | 40 |
| 4 | «KÖPETDAG» | 26 | 12 | 3 | 11 | 42–40 | 39 |
| 5 | «ŞAGADAM» | 26 | 10 | 4 | 12 | 44–40 | 34 |
| 6 | «AŞGABAT» | 26 | 9 | 3 | 14 | 29–37 | 30 |
| 7 | «ENERGETIK» | 26 | 4 | 3 | 19 | 18–61 | 15 |
| 8 | «NEBITÇI» | 26 | 4 | 2 | 20 | 30–78 | 14 |








# Argentina — Fransiýa: 3-nji çempionlygyň finaly

Katar 2022 Dünýä Kubogynyň çempiony ýekşenbe güni, ýagny 18-nji dekabrda oýnaljak finaldan soň belli bolar. Aşgabat wagty bilen 20:00-da başlanjak finalda Argentina bilen Fransiýanyň ýygyndylary duşuşar. Duşuşyk Lusail şäherindäki «Lusail Iconic» stadionynda oýnalar.

Iki topar mundan öň 12 gezek duşuşdy. Şolarda Argentina 6, Fransiýa 3 gezek ýeňiş gazandy. 3 duşuşyk hem deňlikde tamamlandy (15-11 gol). Iki topar Dünýä Kubogynyň çäginde 4-nji gezek duşuşarlar. Argentina 1930-njy ýylda 1-nji tapgyrda 1–0, 1978-nji ýylda toparçada 2–1 ýeňipdi. Fransiýa bolsa 2018-nji ýylda 1/8 finalda 4–3 hasabynda üstün çykypdy. Iki topary hem 2 çempionlygy bolup (1978, 1986 – 1998, 2018) Argentina 6-njy, Fransiýa 4-nji gezek finalda oýnar. Ýagny Argentina mundan öňki 6 finalyň 4-sinde, Fransiýa bolsa diňe birinde ýeňlişe sezewar boldy. Duşuşykda PSŽ-niň iki super ýyldyzy Messi bilen Mbappe garşy garşa geler.



# BÜRÜNÇ MEDAL UGRUNDA

**Şeýle-de, 17-nji dekabrda şenbe güni Horwatiýa bilen Marokkonyň ýygyndylary bürünç medal ugrunda duşuşarlar. Al Raýýan şäherindäki «Khalifa International» stadionynda geçiriljek duşuşyk 20:00-da başlar. Iki topar mundan öň 2 gezek duşuşyp, şol 2 oýun hem deňlikde tamamlanypdy. Şu Dünýä Kubogynda 1 toparçada çykyş eden ýygyndylaryň şol duşuşygynda hasap açylmandy (0–0). Ýeri gelende aýtsak, 2018-nji ýylda-da Belgiýa bilen Angliýanyň ýygyndylary bir toparçada çykyş edip, soňra olar 3-nji ýer duşuşygynda hem duşuşypdylar. Şol oýunlaryň ikisinde-de Belgiýa ýeňipdi (1–0, 2–0). 1998-nji ýylda 3-nji ýeri eýelän Horwatiýa 2-nji gezek bürünç medala ymtylýan bolsa, afrikalylar ilkinji medaly üçin meýdança çykarlar.**



# Ildeşimiz Dünýäniň wise-çempiony boldy

Kolumbiýanyň paýtagty Bogotada dowam edýän agyr atletika boýunça Dünýä çempionatynda ildeşimiz Rejepbaý Rejepow kümüş medala mynasyp boldy. 81 kg agram derejesinden çykyş eden 30 ýaşyndaky ildeşimiz birbada götermekde 164 kg agyrlygy galdyryp, 2-nji orny eýeledi. Bu ugurda hytaýly Li Daýin 171 kg agram bilen 1-nji orna mynasyp boldy.

Itekläp götermekde Rejepbaý Rejepow görkezen netijesi boýunça kiçi altyn medal gazanmagy başardy. Ildeşimiz 202 kg agramy galdyrmagy başardy. Li Daýin ildeşimizden 1 kg agram az göterip, 2-nji orny eýeledi. Umumylykda Li Daýiniň görkezen netijesi 372 kg agrama deň boldy. Rejepbaý Rejepow bolsa 366 kg agram bilen 2-nji ýeri eýeledi. Münberiň 3-nji basgançagyna jemi 357 kg agramy galdyran Günorta koreýaly Kim Wu Çžae çykdy.

Rejepbaý Rejepow 2017-nji ýylda ABŞ-nyň Anahaým şäherinde geçirilen Dünýä çempionatynda-da 77 kg agram derejesinde çykyş edip, kümüş medala mynasyp boldy. Bogotada gazanylan kümüş medal ildeşimiziň Dünýä çempionatlaryndaky 2-nji wise-çempionlygydyr.

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky

Hormatly işewürler!

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky Sizi hasaplaryňyzy döwrebap we ýönekeý usulda dolandyrmaga mümkinçilik berýän «Menzilara bank hyzmaty» ulgamyndan peýdalanmaga çagyrýar!

Bu hyzmat ulgamy Size ýurdumyzyň islendik künjeginden internede birikdirilen enjam arkaly tölegleriňizi geçirmäge, hasaplaryňyzyň galyndysyny barlamaga we olaryň göçürmesini almaga, karzlaryň we depozitleriň töleg tertibini hem görmäge mümkinçilik berer. Bulardan başga-da, Siz özbaşdak karz serişdelerine gözegçilik edip, bank bilen onlaýn tertipde habarlaşyp hem-de dürli görnüşli bank amallaryny ýerine ýetirip bilersiňiz.

«Menzilara bank hyzmaty» ulgamyny birikdirmek üçin Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň merkezi edarasyna ýa-da islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz!

Müşderiler tarapyndan degişli resminamalar doldurylandan soňra, bankdan alnan ulanyjynyň adyny we açarsözüni ýörite internet-sahypadaky salgylanma girizip, bu hyzmatdan peýdalanyp bilersiňiz.

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň «Menzilara bank hyzmaty» ulgamy Size pul serişdeleriňizi günüň islendik wagtynda ygtybarly dolandyrmaga we wagtyňyzy tygşytlamaga ýardam berer!

Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:
38-02-55, 38-02-33, 38-01-37.
www.dayhanbank.gov.tm

«Daýhanbank» – bankyň müşderileriniň ynamdar hyzmatdaşydyr!

S/B: 209122500188







«Zaman-Türkmenistan» gazetiniň elektron görnüşine *«turkmenmetbugat.gov.tm»* internet sahypasynda, şonuň ýaly-da onuň «Türkmenmetbugat» mobil goşundysynda «Pudak gazet-žurnallary» atly bukjany saýlap, gazetiň elektron neşirine abuna ýazylyp bilersiňiz.